OZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYN YOKARY WE YORITE ORTA BILIM MINISTRLIGI

BERDAK ADYNDAKY GARAGALPAK DOWLET UNIWERSITETI

GARAGALPAK FILOLOGIYASY FAKUL`TETI

Fakultet dekany:

______________ dots. Turdybaew K

«_______» _________ 2014-nji yyl

5220100 – filologiýa (türkmen filologiýasy) bakalawr ýönelişiniň 4-kurs talyby Nuryewa Gulnaranyň « **Kätibiniń şygyrlarynyń çeperçilik aýratynlygy** » mowzugyndaky

GUTARDYŞ KESPLIK IŞI

Goramaga rugsat berildi

Türki filologiýa kafedrasynyň müdiri:___________ Adilowa G.

Ylmy ýolbaşçylar: _________ f.i.k. Ж.Низаматдинов

___________ ass. Awezklycewa S.

«______» _____________ 2014 –nji yyl

NOKUS- 2014

Döwlet Attestatsiýa komissiýasynyň

KARARY

5220100 – filologiýa (türkmen filologiýasy) bakalawr ýönelişiniň 4-kurs talyby « Nuryewa Gulnaranyň «**Kätibiniń şygyrlarynyń çeperçilik aýratynlygy»** diyen mowzukdaky gutardyş kesplik işine «________» bal goýulsyn

DAK başlygy: : ____________________ ____________________________

(qoly) (f.i.sh):

DAK agzalary: _____________ _________________________

(qoly) (f.i.sh)

____________________ _________________________

(qoly) (f.i.sh)

____________________ _________________________

(qoly) (f.i.sh)

____________________ _________________________

(qoly) (f.i.sh)

____________________ _________________________

(qoly) (f.i.sh)

____________________ _________________________

(qoli’) (f.i.sh)

____________________ _________________________

(qoli’)

**Mowzuk. Kätibiniń şygyrlarynyń çeperçilik aýratynlygy**

## MEYILNAMA

**Giriş**

**I Bap.** Kätibiniń döredijilik şahsyeti

1. Omur taryhyndan sahypalar
2. Kätibiniń  edebi hazynasynyń öwrenilişi
3. İdeya-estetik gözlegleriń çygry

**II BAP.** Liriki häsietiń bitewileşiş däbi we Kätibiniń poeziýasy

1. İdeya- mazmundaky konkretleşme
2. Edebi-çeperçilik ýörelgeler we Kätibiniń poetikasy

**Netije**

**Peýdalanylan edebiýatlaryń sanawy**

## Giriş

Edebi protsesiń belli bir taryhy etapdaky ösüşiniń töwerekleýin seljerilmegi üçin ońa dahylly bolan her bir döredijilik şahsyetiń edebi mirasynyń öwrenilmegi zerurdyr. Şu nukdaýnazardan, edebi protsesiń XIX asyrdaky ösüş gerimini Öweztagan Kätibiniń çeper mirasyndan üzńelikde göz öńüne getirmek mümkin däldir. XIX asyryń adygan şahyrlarynyń biri bolan Kätibiniń poeziýasy döwrüń öńe çykaran möhüm problemalarynyń aýdyń şöhlelenmesi hökmünde yz galdyrdy. Onuń döredijiligi özüniń jemgyetçilik mazmuna ýugrulandygy, şahyrana pikire hem ideýa eýlenendigi bilen aýratyn ähimiete eedir. Munuń şeýledigine Kätibiniń edebi mirasynyń şu çaka çenli düýbünden öwrenilmedik tarp ylmy obekt bolup galmandygy hem şaýatlyk edýär. Şahyryń ömrüni we döredijiligini öwrenmek babatda hazire cenli ep-esli ylmy-gözleg işleri geçirildi. Şeýle-de bolsa ol işleriń derńew örüsi köplenc ideya-tematiki analiziń çäginden daşa çykyp bilmeýär. Ylmy-derńewiń bu printsipi bolsa Kätibi ýaly öz döwrüniń ideýa-cepercilik meýilleriniń ösüşine saldamly goşant goşan şahyrlaryń döredijilik özboluşlylygyny doly aýdyńlaşdyrmak üçin mümkinçilik bermeýär. Asla, Kätibiniń döredijilik keşbiniń häsietli alamatlaryny ýüze çykarmak we XIX asyr türkmen edebiýatynyń taryhynda tutýan ornuny kesgitlemek meselesiniń henize çenli ýörite ylmy-derńew obekti bolup orta düşmändigi-de kadaly ýagdaý däldir. Şońa göräde şu işiń esasy ylmy-derńew ülńüsiniń Kätibiniń XIX asyr edebi protsesiniń ösüş depginine nä derejede gatnaşygynyń bolandygyny aýdyńlaşdyrmak meselesi bilen baglanyşykly bolmagyna esas doretdi.

Munuń üçin ilki bilen Kätibini galama ýapyşmaga mejbur eden taryhy döwrüń özboluşly durmuş şertleriniń aýdyń göz öńüne getirilmegi zerurdyr.

Bu döwür ýurtda barha ýitileşýän ýarym patriarhal-feodal jemgyetcilik gatnaşyklaryń höküm süren döwri hökmünde häsietlenýär. Şeýle-de bolsa, XIX asyr türkmen halkynyń taryhy ösüşiniń potentsial mümkinçiliklerini oýandyran döwürdir. Bu asyrda türkmen halkynyń oturymly ýaşaýşa geçiş protsesi gutarnykly

hasiete ee boldy. Has takygy, syyasy sebapleri bolan mejbury goce-goclukleri hasaba almasań, XIX asyrda ilatyń ykdysady zerurlyklar esasyndaky kopculikleyin gocup-gonmalary, öńki ýüz ýyllyklara garanda birneme azalýar. İlatyń belli bir böleginiń heniz hem göçme çarwa ýaşaýyşda bolandygyna garamazdan, XIX asyrda «türkmenleriń esasy köpçüligi oazislerde ýaşapdyrlar[1]». Taýpalaryń oturymlaşyş protsesi urug-taypacylyk printsipinden ugur alan hem bolsa, turkmen taypalary XIX asyrda belli derejede garym-gatym bolupdyr. Bu bolsa urug-taýpa guralyşynyń kem-kemden weyran bolmagyna, taypara duşmançylygy eńip geçmäge we türkmen halkynyń birligini pugtalandyrmaga komek edipdir.

Muńa garamazdan, aýry-aýry oazislerde käbir taýpalar ilatyń absolýut köplügini düzüpdirler we ol oazisler hut şol taýpanyń wekilleriniń ýaşamagy üçin doly hukugy bolan ýurt hökmünde resmileşipdir. Aýdaly, Kätibiniń dowrunde bütin Kese Arkaç dińe teke taýpasynyń erden-suwdan doly hukukly peydalanyan ýurdy bolup, ol tutuşlygyna tekeleriń ygtyýarynda eken. Şonuń üçin Ahal-teke oazisinde ýaşaýan käbir ownuk taýpalar köplenç er-suwdan mahrum bolupdyrlar. Cunki tekeler baryp XVIII asyryń birinji ýarymynda Ahalyń köneden oturymly ilatyny oazisiń territoriýasyndan gysyp çykarypdyrlar. Şeýlelikde, Kätibiniń ýaşan döwründe Ahalyń oazisi eýýäm tekeleriń oturymly mesgenine öwrülipdir. Oturymly ýaşaýşa geçilmegi halkyń dińe bir içki ekspluatatsiýasynyń güýçlenmegine däl, eýsem onuń daşarky duşmanlarynyń tozduryjylykly uruşlarynyń güýçlenmegine hem amatly şert döredýär. Muny XIX asyrda türkmen topragyna duşman atlylarynyń dökülmedik ekeje ýylynyń bolmandygynyń fakty hem tassyklayar.

Türkmen halky şeýle tozgunçylykly uruşlara Hywa hany Muhammetrahymyń döwründe aýratyn köp duçar edilýär. Ol özüniń bütin hanlyk suren dowrunde (1806-1825ý) türkmen halkynyń başyna towky bolup inýär. Onuń

[1] Maksimowic F.K. Sotsialno-ekonomiceskiy stroy Zakaspiyskih turkmen nakanune prisoedineniya k Rossii. Aşhabat, 1960, 12sah.

telim gezekki talańçylykly ýörişleriniń netijesinde türkmen topragy aýńalmaz derejede tozdurylýar. Kätibiniń ýaşan eri bolan Ahal sebitleriniń ilaty bu döwürde aýratyn pajygaly ýagdaýy başdan geçirýär.

Kätibiniń döredijiliginde hut şu fakt ýörite nygtalýar. Bu bolsa şol döwürde urş we parahatçylyk meselesiniń ähli halky gyzyklandyran meseleleriń biri bolandygyny ańladýar. Oazisde bolup geçýän bu galagopluklara göniden-goni gatnaşygy bolan Kätibi häkim toparyń arasynda emele gelen bölünişigiń halky umumy bähbitlerinden ugur almaýandygyna dogry düşünipdir. Şonuń üçin:

Bir musallat geldi jahany alyp,
Bir maslahat tapmadylar il bolup-

diýýän pursatynda şahyr hut şol bölünişikçilikli hereketleri ýazgaryp çykyş edýär.

Turkmen han-begleriń arasyndaky syýasy bölünişikçilik ilatyń umumy söweşjeń ruhyna hem tersin täsir edipdir. Her halda galany gorap saklamagy teklip eden toparyń pozitsiýasy barha berkleşipdir we ruslar gala golaý geldigiçe, ilatyń köp bölegi uruş isleýänleriń toparyna jebisleşipdir. 1880–nji ýylyń 23-nji dekabrynda bolsa, Gökdepe galasynyń daşy gabalyp, uruş 1881-nji ýylyń 12-nji ýanwaryna çenli üç hepdeläp dowam edýär. Güýçli harby çaknyşyklar netijesinde Gokdepe galasy butinley syndyrylyar.

Kätibiniń döredijilik şahsyetiniń formirleniş protsesinde yurtda yuze cykan şeýle syýasy-ykdysady hem sotsial hadysalaryń bolsa, onuń döredijiligine göniden-göni täsiri bolupdyr. Bu täsiri Kätibiniń tutuş döredijilik gabarasy bilen tassyklamaga girişimizden öńürti, onuń şahyr hökmünde häzire çenli ylmy esasda öwreniliş taryhyna göz aýlamak maksada laýykdyr.

## I Bap. Kätibiniń döredijilik şahsyeti

### 1. Omur taryhyndan sahypalar

Klassyky edebiýatymyzyń beýleki wekilleriniń döredijiligi babatda bolşy ýaly, Kätibiniń edebi mirasyny toplamak, öwrenmek neşir etmek işine hem dińe durgunlyk ýyllarynda üns berilip başlandy. Emma bu Kätibiniń döredijiligine durgunlyk ýyllaryndan öń ylmy derńewçileriń ünsi sowulmandyr diýildigi däldir. Gündogary öwreniji  alymlaryń hut şahsy göreldesi netijesinde türkmen klassyky edebiýatynyń öwrenilmegi ylmy   ähimietli mesele hökmünde orta atyldy.

Kätibiniń döredijiligi babatdaky şeýle şahsy görelde ilkinji nobatda akademik A.N. Samoýlowiç we ýaşuly türkmen edebiýatçysy Hojaly molla degişlidir. Elbetde, A.N.Samoýlowiç hem, Hojaly molla hem Kätibi barada dińe turkmen edebiyaty boyunca umumy hasietli makalalarynda ya-da ayry-ayry şahyrlaryń döredijiligi hakda gürrüń edenlerinde ýüzugra ýatlap geçýärler.

A.N. Samoýlowiç türkmen şahyrlary barada gürrüń açyp, Kätibini hem  teke şahyry, onda-da Ahal tekelerinden bolan şahyr hökmünde häsietlendirýär. Alymyń bu faktlary özüniń umumylygyna garamazdan, şahyryń önüp-osen eri, taypasy baradaky ilkinji ylymy maglumatlar bolanlygy ucin gymmatlydyr.

Kätibiniń biografiýasyny aýdyńlaşdyrmakda Hojaly mollanyń «Nurberdi han» atly makalasy kabir mohum faktlary ozunde saklayandygy bilen ahimietlidir. Munda awtor Nurberdi hanyń ölümi barada söhbet açýar. Onuń Gökdepe urşundan alty aý öń aradan çykandygyny we Kelete topragynda jaýlanandygyny hem-de Katibiniń ońa bagyşlap, «Nurberdi han» muhammesini aýdandygyny nygtaýar. Diýmek, Hojaly mollanyń şu maglumatalaryna görä Kätibiniń XIX asyryń şahyrydygy, has takygy, onuń heniz Nurberdi han ölende hem diridigi belli bolýar. Sebäbi Hojaly molla Nurberdi hanyń luw ýylynda we rejebilahyr ayynda wepat bolandygyny takyk habar berýär. Müçe ýyllarynyń bu senesi milady ýyl hasabyna

gecirilende, 1880-nji ýyla düşýär. Hojaly mollanyń bu maglumaty N.İ. Grodekowyń maglumaty bilen hem gabat gelýär: «Nur-Werdy-han bolel w tecenie wsey zimy. Wesnoyu on preehal iz İzgentah na jitelstwo w Dengli-tepe i zdes w kontse aprelya (1880g.-Ş.G.) umer»[1] Şunlukda, Hojaly molla Nurberdi hanyń ölümine bagyşlap Kätibiniń bir muhammes okandygyny nygtaýan pursatynda, şahyryń XIX asyrda ýaşap geçendigi baradaky habary-da ilkinjileriń hatarynda ylmy dolanyşyga girizýär. A.N. Samoýlowiç Kätibiniń Ahal şahyrydygyny nygtamak bilen çäklenen bolsa, Hojaly molla Ahal sözüni has anyklaşdyryp, şahyryń Gökdepe, Bäherden (Kelete) sebitlerinde ýaşap geçendigini syzdyryar.

Döredijilik şahsyetiń durmuş ýagdaýyny kesgitlemekde onuń çeper mirasy ilkinji ähtibarly çeşmeleriń biridir. Bu Kätibiniń döredijiligi babatda hem şeýledir. Şonuń üçin Kätibiniń durmuşy hakda söz açylanda köplenç halatda ilki bilen onuń oz döredijiligine ýüzlenilendigi we faktlaryń çeper goşgy setirleri arkaly tassyklanandygy ýöne erden däldir. Şu usuldan Kätibiniń döredijiligi barada saldamly iş eden alymlar B.A.Garryew hem, M.Garryew dagylar peýdalanypdyrlar. Kätibiniń durmuş ýoluna degişli maglumatlaryń şeýle ähtibarly esaslara daýanylyp degşirilendigi üçin, şu işde hem bu mesele bilen baglanyşykly derńewiń düýp özeni şol awtorlaryń pikirlerinden, ylmy jemlemelerinden, salgylanmalaryndan daşlaşmaz.

Kätibiniń doglan we aradan çykan döwurleri barada her hili maglumatlar bar. Şolardan iń ähtibarlysy we ynandyryjysy M.Garryewiń galamyna degişlidir. Ol Kätibiniń «Müń iki ýüz sene kyrk bir wagtynda» setirindäki 1241-nji hijri senesine (1825-nji milady) we:

İt yylynda bolsań, ýigrimi üç ýaşda,
Syçan ýyly ýigrim bäşe gider sen-

---

[1] Grodekow.N.İ. Woyna w Turkmenii. Pohod Skobelewa w 1880-1884 gg., t. 1-2. Spb., 1983,s.165.

setirindäki müçe senesine salgylanyp, onuń 1803-nji yylda doglandygyny tassyklayar. «Eger-de müçe ýyllaryny öwrüp, bu goşgynyń ýazylan wagtyny takyklasak, 1826-njy yyla gabat gelyar. Diymek, Katibi 1826-njy it yylynda 23 ýaşynda bolup, 1828-nji syçan ýylynda 25 ýaşa etjekdigini aýdýar. Bu erden şahyryń 1803-nji yylda dunya inenligi belli bolyar»[1] M.Garryewiń bu tassyklamasy Kätibiniń hut öz döredijiliginiń materiallaryna esaslanyandygy ucin hakykata yakyndyr we has ynandyryjydyr.

Şunlukda Kätibi 1803-nji ýylda Bäherden etrabynyń Garagan obasynda eneden bolýar we 78 ýaşap, 1881-nji ýylda hem aradan çykýar. Şahyryń garaganlydygyny nygtaýan maglumatlar az däl. Biz şol maglumatlaryń iń ähtibarlysyna şahyryń öz döredijiligine ýüzlenenliń. Şahyryń Garaganda önüp-ösendigi barada şygyrlarynda käbir maglumatlar berilýär. Onuń:

Ekin ekseń, Garaganyń düzünde,
Sörtük öser, çeken jepań hiç bolar[2]-

ýaly setirlerinde nygtalyşyna görä, şahyryń Bäherden, Garagan sebitleriniń adamsy bolandygyny ańşyrmak kyn däl bolsa gerek.

Şahyryń hakyky ady Öweztagan ýa-da il arasynda tutulyşy ýaly, Öweztagan molla bolup, Kätibi onuń edebi lakamydyr. Ol öz goşgularynda bu lakamyny molla Katib, misgin Kätibi, diwanaýy Kätip ýaly lakamlar bilen gezekleşdirip hem ulanýar. Ýöne onuń halk arasynda ýörgünli edebi lakamy hem-de öz goşgularynyń aglabasynda işledýän edebi lakamy Kätibidir. Elbetde, şahyr özüniń esasy edebi lakamynyń gapdalyndan goşmaça «molla», «misgin» yaly sozleri hem yone yere ulanmandyr. Bu sözler şahyryń şahsyetini-de belli derejede anyklaşdyrýan sözlerdigi üçin aýratyn ähimiete eedirler. Şahyr özüniń esasy edebi lakamynyń öńünden «molla» sözüni ulanmaga doly hakly adam. Sebäbi ol öz döwrüniń

[1] Garryew M. Öweztagan Kätibi. «Ýaş edebiýatçy» 1970. 7 mart.
[2] Katibi. Saylanan eserler. Aşgabat, 1973, 10 sah

sowatly, okumyş adamlarynyń biri bolupdyr. Kätibiniń hut öz döwründe meşhur bolan medreselerde sowadyny çykan şahyrdygyny nygtaýan maglumatlar hem ýok däl. «Şährińize gelmişem» goşgusy şahyryń sowat almak üçin Buhara barşy hakda gürrüń berýän awtobiografik häsietli eserdir. Goşgynyń ýokarsynda «Kätibi Buharaga baryp, Buharanyń gök gümmezlerini görüp, bir gazal aýtdy» dien düşündiriş bar. Şu maglumatyń dogrudygyny :

Arzy-hal aydayyn gok gumbezlere,
Bir iş üçin şährińize gelmişem[1] -

ýaly setirler hem belli derejede tassyklaýar. Bu erde şahyryń arzy-hal aýdyşýan gök gümbezleriniń Buharanyń haýsy medresesindedigini aýdaýmak kyn. Her niçikde bolsa, Buharada Gökgümbez atly metjidiń bardygyny ýatlamak erliklidir. Şu fakt goşgynyń düşündirişinde berilýän maglumaty belli derejede tassyklaýar. Kätibiniń:

Hasratyńda bitger diýip işimi,
Zyýarat etmäge size gelmişem[2]-

setirlerinde görnüşine görä bolsa şahyr özüniń sowat almak maksadynyń hasyl bolmagy ucin Gokgumbez metjidinden dalla islap, zyyarata baran bolaymagy-da ähtimaldyr. Kätibiniń bu matlabynyń nä derejede amala aşandygy hakda degerli bir maglumat yok, yone her nicik-de bolsa, Hywada hem uc yyl bolup gelipdir. Bu uc ýylyń dowamynda bolsa onuń ylym ojaklaryndan çetde bolup bilmejekdigi düşnüklidir.

Kätibi öz alan bilimini özi bilen alyp giden adam däl. Ol özüniń medresede öwrenen ylmyny öz obasyna gaýdyp gelenden soń, oglan okatmak, mollacylyk

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat, 1973, 10 sah.
[2] Şol erde, 10 sah.

etmek bilen halka ýaýradypdyr. Bu hakda M.Garryew şahyryń obadaşy Täçli Şadlyewiń dilinden şeýle bir maglumat ýazyp alypdyr: «Kätibi garaýagyzyraga-da, daýaw adam bolupdyr. Ol oglan okadar eken. Özi şu Bäherdeniń Garagan obasynda ýaşap, köplenç wagtlarda dört adam bolup gezer ekenler. Ol goşgy aýdanda, ýanyndakylaryń hersi bir setirini ýazar eken. Olaryń arasynda hat ýazmaga çöńńeräk, emelsiziräk Gylly molla atly biri bar eken. Kätibi goşgy aýdanda, öńdäki setirlerini ýazyp etişip bilmäni üçin, ońa hemişe bir bentde gaýtalanýan iń sońky setiri ýazdyr ekenler[1]» Hakykatdan hem Kätibiniń medresäni gutaryp gelenden soń mollaçylyk edendigini tassyklaýan maglumatlar başga-da bar. Bu faktyń käbir delilendirmelerine şahyryń hut öz döredijiliginde hem duşulýandygy bellenilmelidir. Eger «Ýarlyk gerekdir» şygrynda şahyryń mekdep, ylym-bilim meselesini hem orta atýandygyny nazarda tutsań, onda onuń şu meseleden daşda bolmandygyny ańşyrmak kyn däl:

Şol alan gelnińden on ogul bolsa,
Onusy garşyma salama gelse,
Mekdepde kan okap, ylmyny alsa,
Şeýle eşret, şeýle döwran gerekdir.[2]

Ol oglan okatmak- mollaçylyk etmekden başga-da, daýhançylyk işi bilen meşgullanmak arkaly güzeran aýlapdyr.

Kätibi märeke söen, şahandaz, kiçigöwünli bir adam bolupdyr. Şahyryń agtygy Eneş Ata gyzy bu hakda şeýle gürrüń beripdir: «Atam pahyryń ýany adamsyz bolmaz eken. Ol hemişe garyba-gasara hoş söz bilen hemaýat eder eken. Şonuń üçin ondan obanyń ulusy-kiçisi maslahat sorar eken. Ol hem iliń-günüń hoş

---

[1] Gandymow Ş. Kätibiniń şahyrana dünýäsi. Aşgabat. Ylym. 1981. 25 sah.
[2] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat, 1973, 12 sah.

güni üçin özüniń degerli maslahatyny gaýgyrmandyr, başardygyndan iliń hyzmatyna yarajak bolar eken[1]»

Kätibiniń öz edebi lakamynyń öňünden «misgin» sözüni örän ýygy-yygydan getirýändigi hem şahyryń hut şeýle kiçigöwünli adam bolandygy sebäplidir diýip M.Garryew hem şahyryń şu häsietini erlikli bellapdir.

Şahyryń nebereleri häzirki wagtda Türkmenistanyń dürli künjeklerinde ýaşaýarlar. Kätibiniń ömrüne degişli maglumatlaryń toplanyş hem-de öwreniliş taryhynda merhum akademik B. Garryewiń we aýratynda merhum edebiýatçy M.Garryewiń sińdiren zähmetleriniń, irginsiz tagallalarynyń egsilmez gymmata ee bolup durýandygy äşgär görünýär.

## 2. Kätibiniń edebi hazynasynyń öwrenilişi

Sońky takyklamalara görä, Kätibiniń umumy sany segsen töweregi goşgudan ybarat bolan gymmatly edebi hazynasy esasan Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyń golýazmalar fondunda saklanýar. Fonduń edebiýat we folklor bölüminde saklanýan ellä basalykly golýazmada Öweztagan Kätibiniń ömrüne we döredijiligine degişli gymmatly materiallar gabat gelýär. Emma olaryń arasynda şahyryń hut öz eli bilen ýazyp galdyran awtografy ýokdur. Bu ýagdaý onuń döredijilik mirasyny anyk we doly aýdyńlaşdyrmakda belli derejede kynçylyk döredýär. Muńa garamazdan şahyryń bize eleterli bolan golýazma mirasyna salgylanmak esasynda hem onuń döredijilik şahsyetini bitewiräk halda göz öňüne getirmk bolýar. Ýöne şu meselede şahyryń öz eserlerinde ulanan edebi lakamy bilen baglanyşykly ýüze çykýan käbir müşgülliklerið barlygy hem faktdyr. Türkmen edebiýatynyń taryhynda Kätibi lakamyny Öweztagandan başgada peýdalanan şahyr şeýle bir köp bolmasa-da, garaz, duş gelýär. Bu lakam bilen tanalýanlaryń biri-de Hojaly molla Myratberdi oglydyr. Ýaşuly edebiýatçynyń bu lakamy özüniń metbugat sahypalaryndaky edebi-taryhy makalalarynyń ýany bilen

[1] Maglumat 1973-nji ýylyń 17-nji awgustynda alynypdyr.

çap edilen goşgularda we ondan hem has irrak bolsa akademik A.N. Samoylowice ýazan edebi hatlarynda peýdalanandygy ylmy sreda öńräkden bäri mälmdir. Bu erde olar hakynda gińişleýin gürrüń etmek biziń wezipämize girmeýär.

Kätibiniń biziń günlerimize gelip eten çeper mirasy arkaly ony özboluşly döredijilik şahsyet hökmünde göz öńüne getirmäge mümkinçilikler az däl. Şońa görä Kätibiniń döredijilik portretini aýdyńlaşdyrmaga synanyşmak meselesi-de edebiýat taryhçylarynyń ylmy derńew obektinden daşarda galmandyr. Muńa, elbetde, Katibiniń özüne çekiji çeper lirikasynyń özboluşly häsietleriniń itergi berendigine şübhelenmese bolar.

Şahyryń ömrüne we döredijiligine degişli materiallary ylmy taýdan işlemek, analizlemek we neşir edip ýaýratmak meselesi, elbetde, dińe durgunlyk ýyllarynda özüniń doly güjüne girdi. Emma beýle diýildigi Kätibi barada durgunlyk ýyllaryndan öń hiç bir zat edilmändigini ańlatmaýar. Kätibiniń döredijilik şahsyeti türkmen edebiýatynyń durgunlyk ýyllaryndan öńki öwrenilişine saldamly goşant goşan A.N.Samoýlowiçdir Hoja mollanyń nazaryndan sowa düşen obekt bolup galmandy. Elbetde, olar Magtymguly, Kemine, Seydi, Zelili, Mollanepes, Mataji, Abdysetdar Kazy, Misgingylyç we başgalaryń döredijiligi hakda ýazan ylymy işleri ýaly, Kätibiniń döredijiligine degişli ýörite ylmy makala bagyşlamandyrlar. Şeýle-de bolsa ol awtorlaryń işleri türkmen edebiýatynyń beýlek görnükli şahyrlarynyń döredijilik portretini aýdyńlaşdyrmakda ylmy hem praktiki ähimiete eedigi bilen çäklenmän, eýsem Kätibiniń çeper mirasyny öwrenmekde hem ilkinji ädimler hökmünde gymmatlydyr. A.N.Samoýlowiçdir Hojaly mollanyń öz edebi – taryhy makalalarynda Kätibi babatda bitiren hyzmatlary şahyryń golýazma mirasynyń ýazuw beýany berlende hem degişli erlerde ýatlanandygy üçin bu erde ol hakda ayratyn durmagyń hajaty ýok.

Ýöne bu iki awtoryń Kätibiniń döredijiligi babatyndaky hyzmatlarynyń başga bir bölegini welin şu erde agzaman geçmek hata bolar.

Kätibiniń aýry –aýry eserlerini durgunlyk ýyllaryndan öń metbugat sahypalarynda peyda bolmagy hut A.N.Samoýlowiçdir Hojaly mollanyń tagallasy bilen baglanyşyklydyr. A.N.Samoýlowiç Abdysetdar kazynyń «Jeńnamasy» barada ýazan ylmy derńew işiniń neşir edilen wariantynda Kätibiniń «Nurberdi han» goşgusyny bu eseriń döreýiş taryhy barada Hojaly mollanyń ýazan sözbaşysy bilen bilelikde çap etdirýär. Awtor bu kitabynda «Nurberdi han» muhammesiniń we onuń Hojaly molla tarapynda ýazylan sözbaşysynyń türkmençe asyl nusgasy bilen birlikde rus diline sozme-soz edilen terjimesini-de erleşdiripdir.

Hojaly molla bolsa özüniń «Gadym taryh» ady bilen cap edilen makalalar tapgyrynyń dowamynda Kätibiniń «Seniń üstüńde» («Diniń üstünde») goşgusyna çaklańja giriş ýazyp, «Gökdepäniń şanyna goşulan gazaldyr» ady bilen neşir etdirýär. Ol özüniń bu girişinde goşgynyń kime degişlidigini ayratyn nygtamandyr. Ýöne muny ol goşgynyń sońky bendinde awtoryń ady getirilmek bilen: «Kätibi dir, galdyk tukenmez derde» dien setirdaki tassyklama awtor kesgitlemekde eterlik delil hökmünde garap, ony ýörite nygtamagy artykmaç hasaplandygy üçin şeýden bolmagy hem mümkindir. Gazetde goşgynyń dińe dört bendi çap edilip, gaýtalanyp gelýän «seniń üstüńde» redifiniń «diniń üstünde» warianty alynypdyr.

Hojaly molla yorite Nurberdi han barada yazan bir makalasynda Katibini «Nurberdi han» muhammmesini hem cap etdirip, ońa sözbaşy ornuna ýazan ýazgylarynda bu goşgynyń Kätibä degişlidigini ýörite nygtamagy-da unutmayar.

Kätibiniń döredijiligini ymykly öwrenmeklik meselesi watançylyk urşundan soń ýola goýuldy. Bu iş bilen ilkinjileriń hatarynda B.A.Garryew meşgullandy.

B.A.Garryewiń «Watançy şahyr Kätibi»[1] atly makalasy özüniń waktik materiala baýlygy we şahyryń döredijiligine, mundan öńki ylmy ýazgylara garanda gińişleýin nazar salynýandygy bilen tapawutlanýar. Bu makalada Kätibiniń durmuşyna degişli täze-taze maglumatlar duş gelýär. Şeýle maglumatlaryń hataryna Kätibiniń nebereleri hakda getirilýän faktlary we şahyryń ölümine degişli

[1] Watançy şahyr Kätibi, seret: inw. № 1525 e.

rowaýat häsietli fakty goşmak boljak. Awtor bu ylmy ýazgysynda Kätibiniň döredijiligine hem tematikalaýyn analiz bermäge synanyşdy. Ol Kätibiniň döredijiliginde işlenen tematikalar hökmünde şu aşakdakylary belleýär: watançylyk äheńli şygyrlar, öwüt-nesihat häsietli şygyrlar, sotsial tankydy eserler, söýgi, gumanizm meselesine degişli we dünýewi şygyrlar, daýhançylyga degişli goşgular ýaly Kätibiniň çeper mirasyna häsietli bolan tematik ugurlar örän dogry kesgitlenilýär. Şahyryň öz döredijiliginde orun beren bu tematikalarynyň ylmy taýdan seljerilişi bolsa makalanyň ýazylan döwrüne häsietli bolan ideýa-tematiki analize esaslanýar. Öňe sürülýän ylmy jemlemeler derňew obekti bolup duran şahyryň döredijiliginden alynan anyk hem pikiri doly tassyklaýan mysallar arkaly berkleşdirilýär.

Alym Kätibini XIX asyryň Talyby, Zynhary, Allaguly şahyr, Dowan şahyr, Garaoglan şahyr, Dosmämmet, Baýly şahyr, Aşyky, Allahy, Abdysetdar kazy ýaly şahyrlary bilen bir hatarda agzap geçmek bilen[1], onuň döredijilik şahsyet hokmunde tutyan orny yuzley hem bolsa ylmy taydan oran durs belerdip bilipdir.

Katibi baradaky ilkinji biografik maglumatlar hem B.A.Garryewiň tagallasy bilen kopculige yayradylypdyr[2].

Emma Kätibiniň watançylyk lirikasynda işlenen käbir problemalary (tire-taýpalaryň agzybirligi, doslugy baradaky öňe süren ideýalary we ş.m.) göz öňünde tutup B.A.Garryew käte şahyra juda öteräk hem aşarak Baha bermekligi yykgyn edipdir we Katibini «uly akyldar» hem «pahimdar» hokmunde, «…Kemine, Zelili ýaly meşhur şahyrlarymyzyň ýanyndan özüne laýyk orun almaga büs-butin hakly»[3] şahyr hökmünde häsietlendiripdir.

Alym hut şu pikirini özüniň «Watançy şahyr Kätibi» atly makalasynda hem, Kätibiniň goşgular ýygyndysynyň ilkinji neşrine ýazan sözbaşysynda[4] hem gaýtalaýar. Hatda Kätibiniň klassyk şahyr hökmünde häsietlendirilen halatlaryna-

---

[1] Karryew B.A. Turkmenskaya literatura.- 1960 13 awgust.
[2] Watan we gahrymançylyk hakyndaky aýdymlar. Aşgabat, 1951. 94 sah.
[3] Garryew B. Kätibi şahyr, seret: inw № 1505e,l.1.
[4] Katibi. Saylanan goşgulary.Aşgabat, BTDN, 1943, 5, 9 sah.

da gabat gelinýär. Elbetde, Kätibiniń döredijilik şahsyeti bilen bagly ýüze çykan bu hili säwlikler ylmy pikiriń ösüş taryhyndaky ýalńyz bir fakt däldir. Klassyky mirasyń ähli wekillerini bir aýakdan sürmek we olara çendenaşa ýokary baha bermek meyli belli-belli döwürlerde ylmy pikiriń ösüşinde ýoń bolan tendentsiyady.

Şahyryń eserler ýygyndysynyń ilkinji neşirini toplap çap etmek bilen baglylykda B.Garryewiń eden tagallalary Kätibiniń çeper mirasyny öwrenmekdäki önjeýli hyzmatlarynyń biridir. Bu ýygynda şahyryń dińe saýlanan eserleriniń girizilendigi sözbaşyda ýörite bellenýär[1]. Şońa görä bu neşir şahyryń çeper mirasyny belli bir bölegini öz içine alýar. Kätibiniń ady bilen berilen kyrka golaý goşgyny özünde jemleýän bu ýygynda käbir beýleki şahyrlara degişli eserleriń hem girizilendigini nazarda tutsań, ýygyndyda Kätibä degişli şygyrlaryń mukdary hasda azalýar. Ýygyndyda duş gelýän şeýle del goşgularyń hatarynda Baýly şahyryń «Geliniń», Zeliliniń «Köz biläni», Aşykynyń «Begler»[2] , Mollanepese degişli edilýän «Bäş gün gelen döwrany» ýaly şygyrlary görkezmek bolar. Dogry bu goşgulary Kätibiniń adyna berýän golýazma çeşieler hem ýok däl. Emma bu goşgylaryń has ähtibarly çeşmelerde Kätibä dälde, ýokardaky agzalae awtorlara degişlidigi ynamdar tassyklamalara esaslanýar.

Bu ýygyndynyń ilkinji neşirdigi üçin onda tekstologik taýdan käbir nadursliklerń boljakdygy öz-özünden düşnüklidir. Muńa garamazdan häzir döwletimiziń çäginde bibliografik seýreklige öwrülen bu neşiriń öz wagtynda Kätibiniń döredijiliginiń öwreniliş taryhynda möhüm ähimietiniń bolandygy şübhesizdir. Eýsem munyń şeýledigini B.Garryewiń soń-sońlar şahyryń doredijiligi barada gonuden-göni söz açýan käbir işlerinde[3] hem, gytaklayyn-türkmen edebiýatynyń gaýry wezipeleriniń fonunda umumy plandaky ylmy degşirmelerinde hem köp ýygyndynyń çäklerinde öńe sürlen ylymy pikirleriniń,

---

[1] Kätibi. Saýlanan goşgulary.Aşgabat, BTDN, 1943, 10 sah.
[2] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat, 1963, 35-36 sah.
[3] Garryew.B.A., Kosaew M. XIX asyr türkmen edebiýatyndan hrestomatiýa. Pedagogik institutynyń dil we edebiyat fakultetleri üçin. Aşgabat, 1950 193-201 sah.

jemlemeleriniń çygryndan çykmaýan ylmy faktlara salgylanýandygy hem doly tassyklaýar. Bu ýyllarda şol faktlaryń örüsinden saýlanyp bilmedik dińe bir B.A.Garryewiń özi hem däl, eýsem Kätibi barada söz açan käbir beýleki awtorlaryń ylmy derńewiniń edebi- faktik çeşmesi bolup hem şahyryń hut şu ilkinji yygyndysy hyzmat etdi.

Muńa şahyr G.Weselkow tarapyndan taýýarlanan «Türkmen edebiýatynyń oçerkleriniń» mysalynda aýdyń göz etirmek bolýar. «Oçerkleriń» awtory esasan Kätibiniń peýzajly goşgulary barada gürrüń edýär. Şahyryń gözel dag peýzajyny, onuń ösümlik we haýwanat dünýäsindäki täsinliklerden üzńe göz öńüne getirip bilmeýändigini nygtaýan pursatynda we muny şahyryń şol gözelligi öz gözi bilen görýändigi, duýýandygy hem ońa guwanýandygy bilen baglanyşdyrýan pursatynda G.Weselkow bu babatda hut B.Garryewiń öńe süren pikirini gaýtalaýardy. Ýöne G.Weselkow Kätibiniń dag peýzajyny suratlandyryşy bilen türkmen dessanlaryndaky baş gahrymanlara päsgelçilik, eńip geçmeli gara güýç hökmünde orta düşýän ýa-da fantastiki hereketlenip duran dag obrazynyń arasynda tapawudyń bardygyny nygtayarka butinley[1] mamladyr. Dessanlarda fantastiki suratda goz öńünde janlandyrylýan dag obrazyna garanda Kätibiniń lirikasynda şöhlelendirilen dag peýzajynyń bütinleý realistik mazmuna ýugrulandygyny hakykatdan-da ańşarmak kyn däl. G.Weselkow bu babatda umumy häsietde-de bolsa, juda dogry pikiri orta atýar. Awtor XIX asyr şahyrlaryndan Baýram şahyryń öz tematikasy boýunça we döredijiliginiń häsieti boýunça Kätibä has ýakyn durýandygyny nygtanda hem onuń döredijiliginiń şol häsietini, ýagny peýzaj lirikasyny göz öńünde tutan bolsa gerek. Çünki Baýram şahyryń peýzaj lirikasynda- «Daglar», «Şaglap iner bürgütleri» ýaly goşgularynda Kätibiniń peýzaj lirikasynyń ideýa mazmunyna yakyn liriki mazmuny yzarlamak bolyar.

Baýram şahyryń döredijiligi boýunça ýörite ylmy-derńew işini alyp baran A.Oraztaganow hem Baýram şahyr bilen Kätibiniń döredijiliginiń arasynda

---

[1] Weselkow G. Oçerki turkmenskoý literatury. Aşgabat, 1955. 37 sah

tematikalaýyn ýakynlygyn bardygyny tassyklaýar: «Baýram şahyryń rewolýutsiýadan öńki eserleri tematiki taýdan Kätibi şahyryń şygyrlaryna kybapdaşyrak gelýän bolsa, goşgularynyń taryhyny kyssada beýan etmekde Durdy Gylyç, Körmolla, Hally şahyra örän ýakyndyr.»[1]

Kätibiniń ömri we döredijiligini öz wagtynda öwrenmeklige ymykly girişenleriń biri hem merhum M.Garryew bolupdyr. Onuń Kätibi hakdaky ilkinji makalasy «Öweztagan Kätibi» ady bilen çap edildi. Bu makalanyń öńden bar bolan makalalardan esasy tapawutly tarapy onda şahyryń ömrüne degişli maglumatalaryń belli derejede anyklaşdyrylýanlygyndan ybaratdyr.

Kätibiniń çeper mirasyny öwrenmek babatda M.Garryewiń goşan saldamly goşantlarynyń biri hem şahyryń eserler ýygyndysynyń ikinji neşirini taýýarlap, ońa gińişleýin sözbaşy ýazanlygydyr. M.Garryewiń çapa taýýarlan bu ýygyndysy öńki neşire garanda, şahyryń çeper mirasyny hasda dolyrak göz öńüne getirmäge mümkmnçilik berýänligi bilen tapawutlanýar. Ýygynda Kätibiniń elliden gowrak şygry girizilip, olar tekstologik taýdan belli derejede sagdynlaşdyrylypdyr we goşgy setirleriniń dürli golýazmalarda dürlice gabat gelyan fariantlary bilen tanyşmaga mümkinçilik döredilipdir. Ol wariantlaryń çykgytda anyk iniwentar nomeri hem salgy berilýär. Her bir goşgynyń haýsy golýazmadan alynandygy görkezilmegi hem neşiriń dińe ońyn tarapy hökmünde bellemek boljak.

Emma A.Meredowyń örän dogry belleýşi ýaly, «Kätibiniń «Saýlanan eserlerine» şahyryń iń gowy şygyrlary girizilip onuń döredijiligine dogry baha berilen hem bolsa, onda entek tekstologik jähitden kemçilikleriń barlygy faktdyr»[2] . Ol tekstologik näsazlyklaryń aglabasy arap elipbiýindäki tekstleriń nädogry okalandygy bilen baglanyşyklydyr. Şonuń üçin «kasyda» erine «kasra», «müjde» erine «Müsürde», «mansap» erine «mezhem», «şübhe» deregine «şer», «ebgat» deregine «ebtad» görnüşinde alynan sözleriń ep-esli mukdarda gabat gelyandigini A.Meredow bu neşire ýazan tankydy synynda erlikli belläpdir.

---

[1] Oraztaganow A. XIX asyryń sepgidindäki türkmen edebiýatynyń taryhyndan. Aşgabat 1966, 81 sah
[2] Meredow A. Kätibiniń täze neşri.- «Edebiyat we sungat», 1964, 18 mart.

M.Garryewiń bu neşirinde Kätibiniń ilkinji neşirine alynmadyk ýa-da kem-käsleýin alynan şygyrlary mümkin boldugyça doly görnüşde alynmaga ýykgyn edilipdir. Emma, ońa derek Kätibiniń mirasyna dahylsyz goşgularyń-da yygynda girmegine ýol berilipdir. «Muńa ýygyndynyń otuz bäşinji sahypasynda erleşýän «Mestana begler» goşgusy mysal bolup biler» G.Nazarow bu goşgyny Aşyka degişlidigini ähtibarly golýazmalara salgylanmak bilen delilendiryar we bu goşgyny Kätibä degişli edip duran täze bir anyk maglumat ýüze çykýança ony Aşyka degişli miras hökmünde öwrenilmelidigini nygtaýar. Şeýle ynamdar maglumat, elbetde häzire çenli hem ýok. Onuń üçin G.Nazarowyń bu pikirini Aşykynyń eserleriniń ikinji neşri taýýarlanylanda göz öńünde tutulyp, «Mestana begler»[1] goşgusy onuń ýygyndysyna girizilýär.

Käbir işlerde şundan soń hem Kätibiniń goşgusy hökmünde mysal alnyp gelnen[2] bu goşgy dińe sońky döwürlerde aýdyjylaryń dilinden ýazylyp alynan käbi golýazmalarda Kätibä degişli edilýän bolaýmasa ol Kätibinińkidigi şübhesiz bolan ahtibarly golzyamalarda welin gabat gelmeyar.

Kätibiniń edebi mirasyny öwrenilişi babatda Ş.Geldiewanyń «Baýly şahyr we onuń edebi sredasy» hakdaky dissertatsiýasy-da yatlanylmaly işdir. Bu ylmy işde meseläniń goýlyşy dińe bir Baýly şahyryń döredijiligine däl eýsem onuń döwürdeşleriniń, şol sanda Kätibiniń döredijiligine hem ser salmagyny talap edýär. Awtor Baýly şahyryń döredijiligini Kätibiniń döredijiligi bilen ysnyşykly degşirmek arkaly derńeýär. Bu şahyrlaryń döredijiliginiń arasyndaky ideýa-tematiki ýakynlygyń ýüze çykmagynyń taryhy taýdan şertlendirilen sebäpleri, sotsial-syýasy kökleri aýdyńlaşdyrylýar.

Ol Kätibiniń ahlak-didaktiki lirikasynda dostluk meselesiniń aýratyn yhlas bilen işlenendigini, söýgi lirilasynda sotsial garşylygyń suratlandyrylmaýandygyny, durmuşylygyń az duýulýandygyny we gelin-gyzlaryń gork-görmeginiń, gylyk-häsiýetiniń umumy häsietde wasp edilýändigini ýörite

[1] Aşyky. Saýlanan eserler. Aşgabat «Ylym», 1967, 57sah.
[2] XVIII-XIX asyr türkmen edebiýatynyń taryhy boýunça oçerkler. Aşgabat. «Ylym», 1967, 229 sah.

nygtap belleýär. Emma Ş.Geldiewanyń Kätibiniń döredijilik aýratynlygy hokmunde orta atyan bu pikirleri ideya-tematiki analiziń çygryndan daşlaşyp bilmeýär, has takygy liriki gahrymanyń häsiýetleri bilen utgaşykly çözülmeýär.

G.Akynyýazow Kätibiniń etiki garaýyşlarynda hem onuń jemgyetçilik-syýasy düşünjesiniń belli bir böleginiń ýüze çykýandygyny dogry belleýär. Sebäbi şahyryń etiki garaýyşlaryny halkyń umumy bähbitlerinden üzńe göz öńüne getirmek bolmayar.

Kätibiniń poeziýasy bilen rus okyjylaryny tanyşdyrmak boýunça hem käbir işleriń edilendigi şahyryń döredijiliginiń öwreniliş taryhynda bellemeli edebi faktlaryń biridir. Bu ugurda E. Serebrowskaýa, G.Weselkow, T. Streşnewa ýaly terjimeçileriń hyzmatlary ýörite bellenmäge mynasypdyr. Bu işiń başyny başlanlaryń biriniń A.N.Samoýlowiçdigi ýorite bellenilipdi. Emma gundogary öwreniji alymyń bu eden terjimeleri çeper terjime bolman, sözme-soz terjimedir.

Umuman alnanda, Kätibiniń döredijiliginiń öwreniliş protsesi heniz şahyryń döredijilik keşbini düýpli we her taraplaýyn aýdyńlaşdyrmak stadiýasyna ayak basmandygy ýokarda derńelen ylmy işleriń mysalynda tassyklanýar. Sebäbi şu çaka çenli edilen işleriń gerimi dińe şahyryń döredijiliginiń ideýa-tematiki analiziniń töwereginde bolandygy fakt. Elbetde, döredijilik portretiń ýüze çykarylmagynda şeýle analiz başlangyç möhüm etapdyr, ýöne ol heniz sońky pellehana welin daldir.

### 3. İdeya-estetiki gözlegleriń çygry

Şahyr hokmunde Katibiniń doredijilik şahsyetiniń formirlenen dowrune cenli turkmen klassyky edebiyaty eyyam jemgyetcilik durmuşynyń mohum problemalaryna seslenmek, dowrüń taryhy hakykatyny dogrucyl suratlandyrmak babatynda äşgar öńe gidişlik gazandy. Şu jähitden Magtymgulynyń döredijilik başlangyjynyń we onuń döredijilik mekdebinde terbielenen XVIII-XIX asyr türkmen şahyrlarynyń galdyran edebi mirasynyń gymmaty egsilmezdir.

Edebi protsesiń umumy ösüşinde şeýle oňyn tendentsiýa eerilen döwürde ýaşan we döreden Kätibiniń döredijiligi hakda gürrüń gozgalanda hem bu möhüm meseleden sowlup geçmek mümkin däl. Şahyryń biziń döwrümize gelip eten mirasyna ser salynsa, XIX asyr türkmen jemgyetçilik durmuşynyń özboluşly real beýanyny belli derejede yzarlamak bolýar. Kätibiniń ýaşan döwri ýarym patriarhal-feodal jemgyetçilik gatnaşyklarynyń höküm süren, ekspluatatsiýanyń formalarynyń her taraplayyn osen we barha ýitileşen döwrüne gabat gelýär. Şonuń üçin onuń döredijiligine gönezlik bolan taryhy hakykat XIX asyr jemgyetçilik gurluşynyń şertlerinde dowam eden her dürli gahatçylyklaryń we sotsial, ykdysady hem-de syyasy-jemgyetçilik nogsanlaryń zähmetkeş halkyń durmuşynda yz goýan ýitmejek möhürleri bilen baglanyşykly boldy.

Kätibi öz döwrüniń öńde baryjy progressiw dünýägaraýyşly şahsyeti hökmünde orta çykýar. Onuń iş salyşmaly bolan durmuş hakykatynyń feodal düzgün tertipleriniń goragçysyna öwrülen «hakykat» bolanlygy üçin şahyryń dünýägaraýşy bilen dowam edýän feodal kada kanunlaryń asla bir perdeden gopmaýanlygy kanunalaýyk hadysadyr. Şonuń üçin şahyryń liriki «meni» feodal jemgyetçilik gurluşynyń daýanç sütünlerini barlyşyksyz yraýar we onuń «dahanyndan cykan sozi rast bolanlygy» ucin ideya gapma-garşylyk aýtymynyń barha giňelmegine, Kätibiniń özüniń tassyklaýşy ýaly, «diliniń ajy, sözüniń ýaman hem yza beriji» hasiete gecmegine esas doredyar.

Döredijilik protsesinde şahyryń dünýägaraýşynyń, düşünjesiniń, duýgulanyş ukybynyń, temperamentiniń, durmuş tejribesiniń we gaýrylaryń ägirt uly rolynyń bardygyny edebiýat ylmy bir agyzdani ykrar edýär. Şahyryń estetiki ideýaly hem hut şu subektiw faktorlaryń özara täsiriniń jeminden gelip çykýar we ol real durmuş hakykatyna bagly ideal hokmunde formirlenyar.

Kätibiniń estetiki idealynyń gapma-garşylykly durmuş hakykatyna esaslanýanlygy üçin, onuń idealynda hem gapma-garşylyklaryń boljaklygy hem tebigydyr. Bu ýagdaýy şahyryń liriki gahrymanynyń häsietinde, hyjuwynda aýdyń

görüp bolýar. Aýdaly, liriki gahryman durmuşdaky sotsial, syýasy hem ykdysady nogsanlara barlyşyksyzlyk hyjuw bilen ýaşaýar. Bu hili ideýa göreşinde şahyryń esasy yaragy bolsa gonumel didaktizmden, owut-nesihat berijilikden ybaratdyr. Kätibiniń jemgyetçilik gatnaşyklaryny düzetmek babatyndaky idealyna böwet bolýan, onuń bilen ideýa göreşine girişen jemgyetçilik gurluşy däl-de, ayry-ayry adam häsietleridir. Şahyr jemgyetçilik durmuşyny düzetmeklige päsgel berýän hasiyet hokmunde bahylcylygy ( «Bahyla bolma hemnişin, Datma anyń duzun-aşyn»)[1], tekepbirligi («Yigit ol geymese, tekepbir dony»)[2], nebsewurligi («Jan icre nebs atly bir ataş bolar. Şońa uýan abyraýdan Daş bolar»)[3] we gayry otritsatel häsietleri ýazgarýar. Bu hili ýaramaz häsietleri şahyr öwüt-undew bilen, ýańsy bilen, gönümel ýazgaryş bilen düzetjek bolýar. Ýaramaz gylyk-häsietleriń düzedilmegi arkaly jemgyetçilik gurluşa täsir etmäge ymtylýar. Emma şahyryń ideýa göreşi protsesinde tutýan pozitsiýasynyń netijesizligi we hiç bir hili özgerişe alyp barmandygy onuń idealynyń hem gapma-garşylykly häsiete geçmegine getiripdir. Duýgulanyşyń anyk bir pursatynda şahyryń liriki gahrymanynyń öz-özüne «Sen kimdir sen, halka berip nesihat, Gördügiń ört, görmedigiń sözleme[4]» diýip çykalgasyz ýagdaýa düşüp galmagyna sebap bolupdyr.

Liriki gahryman käbir halatda özüniń baş idealyny- jemgyetcilik durmuşyndaky sotsial nogsanlara barlyşyksyzlyk idealyna bütinleý ters bolan pozitsiýany eeleýär. Şeýle pursatda ol «Aýyplaşsań seniń aýbyń açarlar, Dostuń-ýaryń ülke salyp gacarlar»[5] dien ideýa eerýär. Şonuń üçin liriki gahryman özüni durmuşyń ähli gapma- garşylyklaryndan çetleşdiresi gelýär:

Oýun gurma hatyn bile, baş bilen,
Agyrşmagyl deńiń bile duş bilen,

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 24sah.
[2] Şol erde. 52 sah.
[3] Şol erde.
[4] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 13 sah.
[5] Şol erde.

Ne işiń bar, ýagşy- ýaman iş bilen,

Gördügiń ört, görmedigiń sözleme.[1]

Ya-da:

Ýagşylyk kyl her kime, ha ony bilsin -bilmesin,

Diýme hiç kimni ýaman, ha ýagşy bolsyn- bolmasyn.[2]

Katibiniń liriki gahrymanynda ideýa taýdan şu hili passiwligiń emele gelmegine dińe bir jemgyetçilik durmuşyndaky ajy hakykatyń gitdigiçe aktiwleşýändigininiń däl, eýsem onuń göreş pozitsiýasynyń tebigatyna hut şeýle passiwligiń häsietlidigininiń hem täsiri ýok däldir. Şońa görä Kätibiniń liriki gahrymanynyń ýygy-ýygydan şeýle ideýa passiwligine ýüz urýandygy taryhy döwür bilen şertlendirilen kanunalaýyklykdyr. Bu elbetde şahyryń hut özüniń dünýägaraýşyndaky gapma-garşylyklardan hem üzńe bir zat däldir.

Emma liriki «meniń» idealyndaky bu passiwleýşe protsesi ideýa göreşiniń bütinleý durgunlaşandygyny alamatlandyrmaýar. Eýsem şahyryń «Kätibi diýr, dune uter, Gel barcasyndan el goter»[3] diýýän pursatynda hem, «Eşidip görinçe bet işni, hem kör bol, hem sagrylyk kyl»[4] diýýän wagtynda hem bu onuń göreşsiz gol gowşuryp oturandygyny ańlatmaýar. Gaýtam ol taryhy döwrüń kada-kanunlaryny, jemgyetçilik sredanyń pyssy-pujurlyklaryna bildirilýän protestiń başga bir formada dowam etdirildigidir. Diýmek, şahyryń öz baş idealyndan çetleşmek ugrundaky subektiw ymtylyşy obektiw hakykatyń içinden ösüp çykan ymtylyşdyr.

Liriki gahryman kä halatda jemgyetçilik durmuşyndaky näsazlyklar bilen yuzbe-ýüz bolmakdan gaçýar. Onuń subektiw meýliniń diktowkasy dińe durmuşdaky gözel zatlar hakda oýlanmagy undeyar:

---

[1] Şol erde 13 sah.
[2] Şol erde 12 sah.
[3] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 33 sah
[4] Şol erde.

Hoş sözlegin dahanyńdan,
İl gülip gitsin ýanyńdan.[1]

Katibi, durdane sozler, her zaman sac halk era,
Halklar andak suhan, ha ýagşy görsün- gormesin.[2]

Emma real durmuşda hakykaty liriki gahrymany öz subektiw meýliniń ugruna uzak goýbermeýär. Döwrüń gazaply hakykaty ony öz girdabyna dolap alýar we islese – islemese hem aktiwleşmeli bolýar. Muny real durmuş hakykatynyń tebigaty goniden-goni talap edyar.

Eýsem şahyryń sotsial mazmunly eserleriniń göniden-goni real hakykatdan ugur alýandygy hem şeýle obektiw talabyń netijesi esasyndadyr. XIX asyryń durmuş şertleri Kätibiniń adam we onuń durmuşy babatdaky gumanistik ideýallarynyń amala-aşmagyna goldaw bermäge däl, gaýtam ońa böwet bolýardy. Şońa görä şahyryń galamy şeýle sotsial böwetleriń garşysyna gönükdirilýär. Kätibiniń dörediüiliginde ekspluotator synp wekilleriniń agalabasynyń zarp uruş obektine alnanlygy hem şut şunyń bilen baglanyşyklydyr. Ol tiplerden baýlar, işan-mollalar, sopylar, patyşalar, zalymlar, sütemkärler, galtamanlar we şuńa meńzeş aýratyn nyşana nokadyna alynyp, sotsial mazmunly şygyrlaryń synpy pozitsiýasynyń örän aýdyńlyk bilen gerim almagyna hem şert doreyar. Bu liriki gahrymanyń synpy pozitsiýasyny anyklaş protsesi bilen hem gönüden –goni baglanyşykly hadysadyr. Sebäbi şahyryń sotsial meseläni gozgaýan eserlerinde garyplaryń bähbidi göz öńünde tutulyp, eziji gatlagyń wekilleri sistemalaýyn tankytlanýar. Kätibiniń kötekleýän bu tipleriniń arasynda baý-süýthorlaryń real obrazlarynyń döwrebap çekilişi has-da unsi cekyar:

[1] Şol erde 22sah
[2] Şol erde 52 sah.

Entäp barsań, bu eýýamyń baýyna,
Mańlaýyńa urup, birin ikä deńmezmi?[1]

Şu setirlerde görnüşi ýaly, bu şygryń bütin tebigatyndan gelip çykýan sotsial-syyasy nukdaynazar anyk taryhylyk hasietine eedir.

Şeýle ońyn edebi fakty mollalaryń, sopylaryń obrazynyń işlenişinde hem yzarlamak bolýar. Birgiden goşguda, käte ýüzugra, kate goniden-goni yoritelap degilip geçilmek bilen din hadymlarynyń hem hakyky jemgyetçilik sotsial keşbi dogruçyl aýdyńlaşdyrylýar. «Niçik zaman ekendir?», «Ýat bolgan mollalar» ýaly şygyrlary şahyryń bu babatda gazanan döredijilik üstünligi hökmünde garalsa erlikli bolar. Munuń sebäbiniń şahyryń real hakykyat bilen ýüzbe-yuzlikden gaca durmaýanlygyndan görmelidiris. Kätibiniń dindar toparlary paş ediş pozitsiýasy hemme halatda dińe şu nazaretden ugur alýar:

Sopy bolan pir emrini tutmazlar,
Birnäçeler şerigata bitmezler.[2]

Şahyr öz şahsyetini pir emrini tutmaýan, şerigatyń kanunlaryna pitiwa etmeýän sopylara, mollalara bütinleý garşy bolýar:

Katibi, sen yzla rahy-hakykat,
Kabul etgil, her ne diýse şerigat.[3]

Bu sotsial toparyń jemgyetde özüni alyp barşyny nädürsdigini duýan şahyryń liriki gahrymany dini perdäniń astynda dowam edýän pyssy-pyjurlyklaryń garşysyna çykmak üçin ýol gözleýär. Emma ol bu meselede din-şerigatyń kada-

---

[1]Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 8 sah
[2] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 10 sah.
[3] Şol erde 10 sah.

kanunlaryny doly hem dogry berjaý etmekden başga çykalga tapmaýar. Şonuń üçin din ýolunyń dogry yzarlanylmagy Kätibiniń dünýä düşünişiçe dindarlaryń aldaw-pirimleriniń garşysyna eke-tak bowet bolup biljek guycdir.

Dagynyń türkmen urug-taýpalarynyń merkezleşen bir döwletiniń we ony dolandyrýan hakyky manysndaky häkimiń bolmazlygy hem şahyryń häkim obrazyny döretmeginde umumylyga ýüz urmagyna sebäp bolan faktlaryń biridir. Emma şahyr şeýle birleşen agzybir döwletiń hem, onuń başynda il bähbidini araýan pahimli-paýhasly häkimiń hem zerurlygyna dińe bir göz etirmek däl, eýsem XVIII-XIX asyr klassyklarynyń tutan asylly maksatlarynyń dowam etdirmäge mynasyp mirasdüşer hökmünde halk köpçüliginiń arasynda, şol ideýany aktiw propagandirleyjilik rolyny-da oynapdyr:

Haka ilat gerek, ile ser gerek,
İl bähbidin kylan şir-iner gerek-[1]

ýaly setirler onyń göniden-goni jemgyetçilik zeruretleriń yzygiderli tagallaçysy bolandygyna güwä geçýär. Ündelýän ideýanyń has ońyn tarapa çözülmegi üçin ýurda häkim bolmaly şahsyetiń nähili sypatlarynyń bolmalydygy barada hem özüniń anyk garaýyşlaryny köpçülikden gizlemeýär:

Saýlap häkim goýsań, äriń ärini,
İl üçin sarp eylar herne baryny,
Eger goýna çopan kylsań börini,
Gurdyń gadamynda gele ýaraşmaz.[2]

Bu erde şahyryń ideýa-synpy pozitsiýasynyń oran takyk hem durs aýdyńlaşýandygyny synlamaga giń mümkinçilik döreýär.

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 12sah
[2] Şol erde 15 sah

Şahyryń poeziýasynyń esli bölegini yşky lirika tutýar. Yşky mazmun bolsa turkmen klassyky edebiyatynda iki hili ideya-pozitsiya yugrulyar. Mundan, bir tarapdan real magşugyń waspy beýan edilýän bolsa, beýlek tarapdan, hudaýyń yşkyndaky hyýaly söýgi duýgylary hem orun alypdyr. Bu däp klassyky şygra sufistik akymyń ýörelgeleriniń täsiri astynda sińip galan däpdir. E.E. Bertels bu barada şeýle pikir öńe sürýär: «Bez izuçeniýa sufiýskoý literatury polucit yasnoe predstawlenie o kulturnoy jizni srednewekogo musulmanskogo Wostoka nelzya. Eyo klassiki prodoljali okazywat wliyanie na tselyy ryad wostocnyh literatur wplod do nacala XX w…»[1]. Eger şeýle bolsa, onda Kätibiniń lirikasynyń yşky mazmundaky ideya-pozitsiýasynyń käbir taraplarynyń sufistik nazaretler bilen bir horpden gopyandygy hem kanunalayyk hadysadyr. Katibi goniden-goni bu akymyń täsirinde bolmadyk hem bolsa, onda sufistleriń käbir idea-estetiki pozitsiýasyny goldamak meýilleriniń bolandygynyń faktyndan sowlyp geçmek bolmaz. Sebäbi hudaýyń ruhyna söýgi hyjuwy bilen joşmak sufistlere mahsus yorelgedir[2]. Hut şeýle hyjuwlanma Kätibiniń yşky lirikasyndy hem sistemalaýyn, hasietde bolmasa-da, garaz gabat gelýär. Şonuń üçin Kätibiniń yşky mazmundaky şygyrlaryndaky « ýar », «dilber», « magşuk» sözleriniń real mazmunlary bilen birlikde, olaryń sufistik nukdaýdan çemeleşilip, hudaý manyda işlenilen halatlaryda ýok däl. Muny şahyryń hut özi hem inkär etmeýär:

Misgin Kätib yşgyń ýolun yzlasa,
Syryn icde dost-duşmandan gizlese,
İl içinde «yar-yar», diyip sozlese,
Halkyń köńli gelin-gyza geledir[3].

---

[1] Bertels E.E. İzbrannye trudy. Sufizm i sufiyskaya literatura. M., «Nauka», 1965, 54s.
[2] Bertels E.E. İzbrannye trudy. Sufizm i sufiyskaya literatura. M., «Nauka», 1965, 38 sah.
[3] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 38 sah.

Diymek liriki gahrymany hyjuwlandyrýan yşky obýekt hemme halatda gelin-gyz dal-de, käte yşky hyjuwlanyşyň obýekti, yşky duýgulanyşyň hyýaly predmeti hökmünde hudaýyň ruhy çykyş edýär eken. Elbetde, ideýa esaslaryň hyyaly, dini-mistiki çeşmelerden baş alyp gaýdýandygy bu hili goşgularyň ideýa-mazmunynyň hem abstraktlyk, umumylyk bilen gerim almagyna sebäp bolýar. Ýöne şu ýerde başga bir bellenmeli zat bar. Ol hem liriki gahrymanyň özüni heýjana salan yşky obýekti barada aç-acan sohbetden gaca duryanlygydyr. Abstrakt gozellik baradaky söýgi syrynyň dostdan-duşmandan gizlenmegi, elbetde, liriki gahrymanyň bu hakdaky pikriniň örän dagynykdygyndan, gapma-garşylyklydygyndan gelip çykýan hakykatdyr. Hut şu hakykatyň agyr labyry liriki gahrymanyň gerdeninden basmarladygy saýy hem şubheli syryň içde saklanmak protsesi örän kynlyk bilen dowam edýär. Şoňa görä liriki gahryman duýgulanyşyň belli bir pursatynda ruhy tragediya sezawar bolyar.

Yşk elinden dad eý, bidat heý,
Bahrydan gonderip bir subhanylmelekil yat hey,
Mey diyip icdim any, mey dal eken, bir ot hey,
Tutaşypdyr ataşy, söndireli imdat heý.
Aşyk ählin sorasaň, bizar olup perýat heý.[1]

Emma tutaşan yşk ataşly liriki gahrymanyň ýalňyz özüne “ söndürtmeýär” we onuň kalbyna ezýet beren gapma-garşylykly pikirler şubheli pikirlere ösüp geçýär. Şubhe döremegi bilen bir wagtda syryň içde gizlenmegi hem mundan beylak mumkin bolmayar we liriki gahryman oz-ozi bilen sohbet edip, icini gepledip, kalbynda ýüze çykan sowallara jogap tapyp bilmeýär. Şoňa görä ol ikinji bir şahsyň ýanynda öz syryny açmaga mejbur bolýar:

Kasyt, senden men bir habar sorayyn,

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 36 sah.

Köňül hoşum, dil aramym kandadyr?

Bu sowala kasydyň berýän jogaby sufistik tendentsiýalara eýerýän jogapdyr. Kasydyň jogabyna görä, liriki gahrymanyň kandadygyny bilmeýän köňül hoşy,dil aramy göýä hemme ýerde, her bir zatda keramatly bir ruh görnüşinde ýaşaýar. Şu ýagdaý Kätibide hem hut şeýle printsiplere esaslanýar:

Demeşkbilen Şamda,Gumu-Kaşanda,
Bestam şäherinde, Rum, Ispyhanda,
Käbil, Serendipde, Şedizenanda,
Köňül hoşuň, dil aramyň andadyr.[1]

Şeýle röwüşdäki jogap bu şygyryň bütin dowamynda taýtalanýar. Emma liriki gahryman jogaplaryň şeýle röwüde gerim alşy bilen bir tarapdan razylaşýan hem bolsa, başga bir tarapdan özündäki oňa bolan şübhesini hem gizläp durmaýar:

Katibi aydar, yuz- müň sözler diýesiz,
Synam icre hijran dagyn goyasyz,
Köňlümiň diýary galdy eýesiz,
Adyl şahym, dil aramym kandadyr?[2]

Diýmek liriki gahryman kasydyň jogaplary bilen hem ylalaşýar, hem ylalaşmaýar. Onuň ruhy tragediýasy hem hut meselä şunuň ýaly iki pozitsiýadan çemeleşýändigi bilen baglanyşyklydyr we bu diňe Kätibiniň däl-de, umumy taryhy döwrüň tragediýasydyr. Mahlasy,  Kätibiniň  liriki gahrymany hyýaly gözellige – hudaýyň ruhyna bolan öz yşky ideýalyna şubhelenýän  şahsyýetdigi bilen birlikde bu meselede özüniň syr alyp, syr berşen syrdaşynyň:

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 40 sah.
[2] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 40 sah.

Kasyt aýdar, ýaryň asly perizat,
Müň ýyl ýörse ýetebilmez adamzat,
Çagyrgyn başyňa düşende heýhat,
Sen kanda isteseň, ol hem andadyr-[1]

Diyyan pikirine hem takwalyk bilen bolmasa- da, gonuden-goni uyan liriki şahsdyr.

Mahlasy, şahyryń yşky lirikasyndaky real adama-magşuk gyza bolan söýgüsinde onuń liriki gahrymanynyń ynsanperwer sypaty gumanizmi özüniń bütin aýdyńlygynda, geçirimliliginde we ýokary derejeli çuńlugynda ýüze çykýar. Bu hem Kätibiniń real ideýa esasy bolan yşky şygyrlarynyń abstrakt söýgi duýgularyna eýlenen şygyrlary bilen deńeşdirilende, ýokary ideýa estetiki hem çeprçilik gymmata eedigini alamatlandyrýar. Şahyryń bütin döredijilik süńńüni ýaryp çykýan gumanizm ideýalary hem real bazaly yşky şygyrlarda özüniń ideal jemlemesini tapyar.

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 40 sah.

## II BAP. Liriki häsietiń bitewileşiş däbi we Kätibiniń poeziýasy

### 1. İdeya- mazmundaky konkretleşme

Türkmen klassyky poeziýasynyň XIX asyrdaky ösüş ugry edebi protsesiň XVIII asyrda formirlenen ideya –tematiki ugurlaryndan, edebi-ceper daplerinden we gözleglerinden düýpgöter örküni üzmedi, gaýtam onuň bilen organiki sepleşip gidýän ewolýutsion protsesi başdan geçirdi. Muny edebi protsesiň ösüşindäki kanunalayyk hadysa hokmunde hasiyetlendirmek dogry bolar. Sebabi XIX asyr şertlerinde hem edebi protsesiň ösmegine, onuň zamanabap ruha ýugrulmagyna we döwrüň keserdip öňe çykaran durmuşy hajatlaryna sesleniş geriminiň giňelmegine itergi bolan jemgyýetiçilik – syýasy şertler hemde sotsiýal- ykdysady ýagdaýlar XVIII asyrdakydan tapawutlanmandyr. Hut şu täsiriň netijesi bolsa bu iki asyryň çeper önümi bolan şygyr sungtynyň taryhy döwrüň talaplaryna jogap berip bilşinde umumylygyň bolmalydygyny şertlendirýär.

Edebi protsesiň XVIII-XIX asyrlardaky ösüş ugry klassyk şahyrlaryň tagallasy netijesinde çeper döredijiligiň forma hem mazmun taýdan halka ýakynlaşmak, onuň anyk taryhy şertdäki ruhyna içgin aralaşmak tendentsiýasynyň barha guyclenmegini gazanandygy bilen baglanyşyklydyr. Bu bolsa XVIII-XIX asyr türkmen edebiýatynda sözüň doly manysyndaky özboluşly söz ussatlarynyň ýüze çykmagyna getirdi. Orginallyga, özboluşlyga tarap barýan ýoluň başga hiç ýana sowulman, diňe durmuşyň we durmuş hakykatynyň üstünden gecip gidyandigini beyik rus tankytcysy W.G.Belinskiy hem oz wagtynda nygtapdyr: “ İstinnaya orginalnost w izobretenii, a sledowatelno, i w forme wozmojno tolko pri wernosti poeta deystwitelnosti i istine”[1].

Çeper mazmunyň XVIII asyrdaky ösüş ugry Magtymgulynyň döredijiligi bilen, ondaky adamzat durmuşyna dahylly ähli meselelere sinkretik çemeleşme prinsipleri bilen aýrylmaz baglanşykly boldy.Şonuň üçin XIX asyr edebiýatynda

[1] Belinskiy W.G. Sobr.soc.w3-h t, t. 3. 139 sah.

duş gelýän sinkretik mazmun edebi däbiň dowam etdirilmesi hökmünde ýüze cykdy. Çeper mazmunyň ösüşindäki konkretleşmeklik hadysasy bolsa XIX asyr edebi protsesiniň bu ugurdaky ewolýutsiýasyny alamatlandyrdy. Eger Magtymgulynyň döredijiliginde sinkretik mazmun häsiýetli alamat hökmüde çykyş edip, türkmen poýeziýasynyň XVIII asyrdaky ösüş ugruny kesgitleýän bolsa, "Magtymgulydan soňky Keminede, Seýdide, Zelilide, Mollanepesde bolsa biz tematika babatdaky konkretleşdirmäni synlaýarys" we hut şu konkretleşme hadysasy XIX asyr şahyrlarynyň çeper mazmunynyň ösüşinde gazanan tazeciligidir.

Magtymguly bir goşgynyň, hatda aýratyn alnan bir bendiň dowamynda hem durmuşyň köptaraply meselelerini orta atyp, özüniň ol meseleler babatdaky garaýşyny, düşünjesini, ideýasyny ýokary çeperçilikde gutarnykly beýan eden bolsa, XIX asyr şahyrlary beýik akyldaryň bu däbini konkret şertlere laýyklykda osdurdiler. Poyetik mazmun ideya- tematiki taýdan konkretleşdi we onuň gaytalanmajak indiwiduwallyga cenli ayyry-aýry şahyrlarynyň döredijiliginde differentsirleşmegi gazanyldy. Öz döredijiliklerinde çeper mazmunyň şu häsiýetlerini jemläp bilendikleri üçin Keminäniň liriki gahrymany sotsiýal-durmuş meseleleriniň çuňluklaryna aralaşan şahsyýet, Seýdiniň lirik " meni " watanyň ar-namysy ucin gylyc syryp duran batyr, Zelili, Mollanepas, Mataji yaly şahyrlaryň liriki gahrymanlary bolsa döwrüň ahlak-etiki keşigini çekiji, adamzat gözelliginiň jarçysy bolup çykyş edýän liriki şahsyýet hökmünde orta çykýarlar.

Edebiýatçy alymalr her bir çeper talantyň döredijiliginde beýleki bir topar temalar bilen birlikde, ayratyn ayyl-saýyllyga eýe bolan we söz ussadynyň bütün döredijilik mirasyna sözbaşylyk hyzmatynyda ýerine ýetirib duran bir baş tematiki ugruň bolmalydygyny tassyklaýarlar. Eger bize Seýdiniň lirikasyndaky hyjuwly watançylyk, Keminäniň şygyryndaky yuz gormezlik bilen jemgyyetcilik nogsanlaryny ýiti tankytlamak, Zeliliniň döredijiligindäki meseläniň ahlak tarapyna ayratyn agram salmaklyk, Mollanepesdir Matajidaki pak soygini

dabaralandyrmak ýaly häsiýetler hiç bir kynçylyksyz aýdyň duýulýan bolsa, onda bu diňe ol şahyrlarynyň döredijiligindäki baş tematikanyň aýdyň ýüze çykmasy, ayyl-saýyllaşmasy bilen gös-gönü baglanşykly dörän hadysadyr. “ Şonuň üçin hem haysy-da bolsa bir şahyryň döredijilik aýratynlygy barda gürrüň ediljek bolunsa, onda, ozaly bilen, onuň poýeziýasynyň tematikasyndaky, ideýa – mazmundaky aýratynlygy özünde jemleýän liriki gahtymanyň obrazyna göz aylamak zerurdyr”.

Şeýlelikde, XIX asyr klassyk şahyrlarynyň poýeziýasynda kemala gelen çeper mazmunyň konkretleşmek we ideýa- tematiki taydan ayyl- saýyllaşma protsesiniň döredijiligi klassyky nusgalaryň derejesine ýetmedik, emma edebi protsesiň umumy ösüşine gatnaşygy bolan beýleki şahyrlaryň döredijiligine hem belli derejede täsiriniň boljakdygy tebigydyr. Eýsem tematika jähtden giň masyştabda çykyş edýän Kätibiniň döredijiliginde bu anyklaşma we differentsirleşme nähili häsiýete eýe bolupdyr hem-de onuň liriki gahrymanynyň özboluşly häsiýetiniň kemala gelmegine nä derejede ýardam edipdir?

Kätibi öz döwründe şygyr senediniň ýykgyn eden ideya- cepercilik meýillerine, tematiki gözleglerine eýeren şahyr. Şonuň üçin onuň poýeziýasynyň tematiki örsi giň. Ýöne tematiki ýaýrawyň giňligi bitewi liriki hyssyýatynyň kemala gelmeginde hiç hili böwet bolup bilmeýär. Muny diňe giň plandaky tematiki ýaýraw bilen indiwiduwal özboluşlylyk gazanan Magtymgulynyň liriki gahrymanynyň mysalynda hem, Kemine, Seýdi, Zelili, Mollanepes ýaly söz ussatlarynyň mysalynda hem tassyklamaga ýeterlik deliller bar. Bu klassyklaryň tematiki taydan yayrawly doredijilikleriniň bir bitewi pafosa ýugrulandyklary olaryň liriki häsiýetleriniň tebigatynda hem bitewiligi ýüze çykardy, hut şu bitewi pafoslylyk bolsa, öz gezeginde, liriki gahrymanlarynyň öz boluşly häsiýetini kemala getirdi. Aýdaly, Seýdiniň döredijiligindäki şeýle bitewi pafos hyjuwly watançylyga ýugrulan pafos bolan bolsa, Keminäniň liriki özboluşlylygyny ýüze çykaran bitewi pafos sotsiýal äheňe ýugrulan pafos boldy we şuňa meňzeşler.

Diymek, indiwiduwallyk bilen bitewi pafoslylyk bir-biriniň ýaşmagyny şertlendirip duran kontseptsiýalar eken. Kätibiniň döredijiliginde şunuň ýaly gutarnykly häsiýetde bitewileşen pafos barmyka? Eger bar bolsa, onda ol haýsy däbiň dowam etdirilmesi ýada ösdürilmesi hökmünde çykyş edýär? Şeýle bitewilieşen pafos kemala gelmedik bolsa, onda onuň sebäbi nämekä? Şu meseleleriň çözgüdini göniden- goni ideya-mazmun bilen baglanyşýan käbir edebi däpleriň Kätibiniň döredijiligine eden täsirini yzarlamak arkaly degşirmek maksada layykdyr.

Turkmen edebiyatynda watancylyk temasyna dürlüçe çemeleşmeleriň bolandygyny, onuň dürli-dürli häsiýete eýe bolandygyny, K.Jumaýew öz işinde “ Yusup- Ahmet ” (dini watancylyk ), “ Gul-bilbil ”(basybalyjylyk watancylyk ), “ Zohre-Tahyr” ( adamkärçilige ş, adalata ýugrulan watançylyk) dessanlarynyň mysalynda ylmy taýdan tassyklaýar. Klassyk şahyrlaryň döredijiliginde edebi däp derejesine çenli ösdürilen watançylyk temasy Kätibiniň-de sarpa goyan temalarynyň biri. Onuň watançylygy döwriň käbir möhüm meseleleri bilen baglylykda yuze cykyandygyna garamazdan, liriki gahrymanyň häsiýetinde entek hut şu ugurda gutarnykly sistemalaşan bitewi pafoslylygy yzarlap bolmaýar. Sebäbi Kätibiniň liriki gahrymanynyň watan hakdaky duýgulanyş ukyby Seýdiniňki ýaly bu tematikanyň ähli taraplaryny öz içine alyp durardan ejizdir we şoňa görä onuň döredijilik şahsyýetindäki watançylyk häsiýet konkretleşmek protsesini başdan geçiren hem bolsa, entekler gutarnykly differentsirleşmekden daşdadyr.

Kätibiniň watançylyk lirikasynda hem durmuşyň anyk problemasy liriki goşgynyň obýekti bolup durýar.Şahyryň “Ýaraşmaz” goşgusynyň tutuşlygyna tire-taýpalaryň agzybirligi we olaryň birleşdirilmegi ýaly konkret problema baglanyşykly bolupdy

Agyzlar bir gerek – dowletli ilat,
Agzalalyk agyr ile ýaraşmaz,

Iş ötenden kylyp, dat bilen bidat,
Soňundan efgany- nala ýaraşmaz-

bendi bilen başlanýan bu şygyr bütin süňňi bilen agzybirlik tendentsiýasyna, birleşmeklik ideýasyna ýugrulandygy üçin onda problemalaýyn konkretlik we ideya-mazmun taydan bitewilik gazanylypdyr.

Şahyr agzybirlik hem birleşmeklik ideýasyny ündemäge näçe ýakynlaşdygyça, şonça-da liriki gahrymanyń hereket örüsi jemgyetçilik ähimietli durmuş hadysalaryna barha içgin aralaşýar hem-de onuń häsietindäki özboluşlyk has aýdyń ýüze çykýar. Derńelýän goşgynyń çäginde hem Kätibiniń liriki gahrymanyna mahsus bolan tendentsiozlyk bilen mesela cemeleşilendigi görünýär. Liriki gahrymanyń häsietinde dostluk, agzybirlik, birleşmeklik ugrunda otlukly cagyryjylyga yugrulan dal-de, eýsem meseläniń ońyn çözülmeginiń möhümligini nygtayan owut-undew berijilik, wagyz-nesihat edijili äheń agdyklyk edýär:

Aşnalyk duş bolsa, her akyl merde,
Jyda bolsa galur tukenmez derde,
İki hemdem mejlis gursa bir erde,
Köńli horram bolup, serferaz olur.[1]

Şygryń ideýalar sistemasyny emele getirýän beýleki ähli kömekçi ideýalar hem iki hemdemiń birleşip bir erde mejlis gurmagynyń olaryń ikisi üçin hem dińe bähbitli boljakdygyny propogandirlemeklige hyzmat etdirilýänligi sebäpli, goşgyda belli derejede ideya- mazmun bitewiligi gazanylypdyr:

Her kim bolsa seniń ýagşy mähremiń,
Hem bu dünýä hem ahyret iýr gamyń.

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 18 sah.

Misgin Kätibi diýr, iki hemdemiń,
Jismi bir-birine paendaz olur.[1]

Görnüşi ýaly, Kätibiniń liriki gahrymanynyń duýgulanyş protsesiniń ösüşi "Agyzlar bir gerek-döwletli ilat, Agzalalyk agyr ile ýaraşmaş" dien ideýa ugra düşýänçä, durmuşyń şu ideýa bilen galtaşykly ayry-aýry ideýalarynyń üstünden ýol salmaly bolupdyr. Bu onuń döredijiligindäki ideýa-mazmun konkretleşmesi bilen ugurdaşlykda amala aşypdyr. Elbetde, bu kanunalaýyk edebi hadysa bolup, Kätibiniń liriki gahrymanynyń häsietinde watançylyk hyjuwynyń ösüşindaki, bitewileşişindäki ewolýutsion protsesi-de alamatlandyryar.

Eýsem Kätibiniń watançylyk lirikasynda şeýle ideýa-mazmun konkretleşmesini anyk bir problemanyń çäginde yzarlap bolýan bolsa, onda ol watançylyk problemalarynyń konkretleşdirilip orta atylandygy bilen doredijilik differentsirleşmesini başdan geçiren Seýdiniń lirikasyndan haýsy babatda tapawutlanýar? Bu tapawut, birinjiden, liriki gahrymanlaryń hyjuwlanyş temperamentinde duýulýan bolsa, ikinjiden, hyjuwyń, duýgynyń ýüze çykarylyş printsipinde has-da aýdyń görünýär.

Seýdiniń hem, Kätibiniń hem watançylygynyń tendentsioz häsiete eedigi jedelsizdir. Ýöne liriki gahrymanyń obrazyndaky tendentsioz pafoslylyk özüniń tebigaty boyunca biri-birinden duypgoter parhlydyr.

Meselem, Kätibiniń döredijiliginde watançylyk pafosyń ýüze çykyşy gonumel hasietdaki tendentsiozlyga esaslanyar:

Her kimiń öz ýurdy özüne süýji-[2]

Ya-da

Arkaç ili oturmaga hoş gala-[3]

[1] Şol erde 18 sah.
[2] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 21 sah.
[3] Şol erde.

we  şulara meńzeşler.

Liriki gahrymanyń öz ýurduna, watanyna bolan söýgüsi çirksiz hem çäksiz. Şonuń üçin ol ýürek joşgunyny az- kem egismage may tapan erinde oz duygusyny gizlejek bolup hem durmaýar. Bu bolsa liriki gahrymanyń duýgulanyşyndaky, hyjuwlanyşyndaky tendentsiýanyń aýratyn nygtalmagyna we onuń köplenç halatda gonumel yuze cykmagyna alyp baryar.

Seýdiniń lirikasynda bolsa düýbünden başga hili ýagdaýy synlaýarys. Onuń liriki gahrymany hem, edil Kätibinińki ýaly her kimiń öz ýurdunyń özüne suyjidigini tendentsioz hasietde nygtayar. Emma bu nygtamaklyk Seydide gonumel ýüze çykmak meýlinden daşdadyr. Seýdiniń lirikasynda her kimiń öz ýurduń özüne süýjidigini nygtamak üçin ýörite liriki monologlardan ybarat bolan goşgular tsikliniń (“Lebap hoş imdi”, “Hoş imdi”, “Aýryldyk” we ş.m.) dörändigi bellenmeli hadysadyr. Liriki gahrymanyń öz watanyna bolan gyzgyn söýgüsi bu tsikle girýän goşgularyń bütin süńńüne organyiki ornaşdyrylandyr. Şońa görä Seýdiniń watançylygynyń  estetik –emotsional guyji-de egsilmezdir. Bu soygi “pil urup, duzulen atyz- çilleriń eesiz”, “bakjalaryń näzik biten nyhalynyń başyny yrap”, “gol- aýagyn her ýan uzadan üzümiń parahat başyny büräp”, “Amydan suw içen terçek nyhallaryń elwanlap”, “bibat eerde biten maýmyk igdeleriń ümürläp” galmaly bolýandygy bilen, liriki gahrymanyń ruhy dünýäsindäki tragizm bilen baglanyşdyrylyp, estetik –emotsional kuwwaty yokary dereja galan tendentsiozlyk bilen ýüze çykýar. Edil şu hili häsietiń Zeliliniń watançylyk pafosyna hem mahsus sypeatdygy ucin edebi  protsesiń XIX asyr ösüş etapyny tendentsioz häsietli tragik liriki gahrymanlaryń has giń gerimde formirleniş we kämilleşiş döwri hökmünde hasietlendirmage mumkincilik doreyar.

Her kimiń özüne ýagşy öz eri,
Köńül arzuw eýlär, watanym seni!-[1]

[1] Zelili. Goşgular. Aşgabat, 1996, 29sah.

diýýän Zelili hem özüniń watançylyk hyjuwyndaky tragizmi tendentsiozlyk bilen nygtaýar. Ýöne bu tendentsiozlyk Kätibinińki ýaly gönümel ýüze çykarylýan tendentsiozlyk dal-de, eýsem Seýdiniń watançylyk pafosyna mahsus bolan konkret mazmuna, konkret ideýa esaslanýan şygryń tutuş erşine hem, argajyna hem sińen tendentsiozlykdyr.

Zeliliniń, aýratyn-da Seýdiniń watançylygyndaky tendentsiozlyk hut şeýle häsietde bolup, ol liriki gahrymanyń häsietinden, duýgularyndan, hyjuwlaryndan we hereketlerinden osup cykyar.

Kätibiniń watançylyk lirikasyna mahsus bolan tendentsiozlyk bolsa, öń bellenilişi ýaly, gönümel nygtalýan, köplenç ýagdaýlarda gönümel didaktiki öwüt-nesihatlara cenli baryp etyan tendentsiozlykdyr. Bu hili gonumel yuze cykyan tendentsiozlyk Kätibiniń lirikasynyń ideýa-mazmun taýdan konkretleşiş protsesindäki özboluşlylyk bilen baglydyr.

Bu dińe bir Kätibiniń döredijiligine mahsus kanunalaýyklyk bolman, eýsem klassyky edebiýatdaky liriki gahrymanlaryń hyjuwlanmalarynyń, duýgylanmalarynyń watan tebigaty, peýzajy bilen gatnaşykly hemme halatlary üçin hem häsietlidir. Sebäbi peýzajly lirikada obekt konkret: aýdaly, dagyń, derýanyń, çölüń we şulara meńzeşleriń gözel tebigaty. Tebigat gözelliginiń estetik-emotsional guýji liriki gahrymanyń ruhy dünýäsindäki anyk pursatlaýyn hyjuwlanmalary bilen sepleşip bilse, liriki obrazyń ruhy hallary-da şonça aýdyń ýüze çykýar. Bu babatda Magtymgulynyń döredijiliginde duş gelýän faktlar klassyky nusganyń ajaýyp gazananlarydyr. Onuń "Gürgeniń", "Sońydagy"we beýleki käbir şygyrlarynda watançylyk pafos konkret derýanyń, dagyń tebigaty bilen baglanyşykly ýüze çykýar. Eýsem Magtymgulynyń Gürgeniń gözelliginden hyjuwlanyş pursatynyń liriki gahrymanyń "hijran tygy bilen bagryny paralaýan"-watandan aýra düşen pursatyndaky duýgusy bilen birleşýändigi üçin tebigat gözelliginiń emotsionallygy-da ayratyn guyclenyar.

Magtymguly, ilden-ile aralar,
Hijran tygy bilen bagryn paralar,
Golun sallap maral gabak periler,
İner olumyndan däli Gürgeniń.[1]

Tebigat gözellikleriniń liriki gahrymanyń belli bir pursatdaky konkret duýgylanmalary bilen baglanyşykly şu hili ýüze çykarylyş däbi XIX asyr şahyrlary tarapyndan hem gyzgyn goldaw tapypdyr. Çünki peýzaj lirikasyndaky şu hili konkretlik edebi protsesiń bu döwürdäki ösüşiniń umumy ugryna kybapdaş gelýär we ol progressiw dap hokmünde dowam etdirilýär. Şońa görä Seýdiniń ("Lebap hoş imdi", "Hoş imdi"), Zynharynyń ("Sen çölüń"), Zeliliniń ("Watanym seni"), Mollanepesiń ("Daglar"-"Zohre-Tahyr"dessanyndan), Mätäjiniń ("Onda bar"), Baýly şahyryń ("Daglar"), Misgingylyjyń ("Bu daglar", "Daglar") peyzajly lirikasyndaky ideya-mazmunyń konkret ýüze çykmasyny dińe Magtymgulynyń däbiniń mynasyp dowam etdirilmesi hökmünde delillendirmek mümkin.

Kätibiniń döreüiligi hem edebi protsesde dowam edýän şeýle däpden çetde däldir. Onuń "Biziń daglaryń", "Gary bu dagyń", "Daglar" şygyrlary ideýa-mazmun taýdan konkretdir. Olarda liriki gahrymanyń häsietinde bütewileşen pafos aýdyń duýulýar. Sebäbi liriki gahrymanyń hyjuwlanyş örüsi, konkret bir obektiń çygryndan daşlaşmaýar. Özbaşyna bir tsikl emele getirýän bu goşgylarda şeýle konkret obekt hökmünde dag gözelligi, dag tebigaty çykyş edýär. Şonuń üçin liriki gahrymanyń anyk pursatdaky duýgylanmalary hem dag tebigatynyń gözel görnüşleriniń tüýs ýürekden ykrar edilmegi we şol gözellige dahly bolan liriki detallaryń jikme-jik nygtalmagy bilen utgaşykly aýdyńlaşýar. Dag tebigatynyń gözelligi liriki gahrymany heýjana salýan, onuń hyjuwyny oýarýan gözellik bolup duryar:

[1] Magtymguly. Saýlanan eserler. Aşgabat, «Türkmenstan» 1995, 267 sah.

Her zaman wasp etsem köňül joşanda,
Lemmer-lemmer bulut oýnar başynda,
Toty, gumry tagat çeker daşynda,
Abaý bilen gürlär, şiri bu dagyň.[1]

Watanyň gözel tebigatyna diňe guwanç duýgusy bilen joşýan liriki gahryman üçin öz ýurdunyň dagy dünýäde iň bir geň ýaradylan täsinlik. Onuň gözel görnüşi-de, yonekey peyzajy-da adatdan daşary gudraty, göwün göterip bilyan jadylayjy guyji ozunde gizleyar:

Saher turup, seyran etsem serine,
Senem sedra meňzär gary bu dagyň,
Göwnüň açar çyksaň, belent erine,
Ulgam-ulgam gider, ugry bu dagyň.[2]

Liriki gahrymanyň hyjuwlanyş, duýgulanyş obekti konkret bolanlygy sebapli, ideya-mazmunyň hem konkretleşmegine, şygryň süňňüni ýaryp çykýan pafosyň-da bitewileşmegine şert döredipdir. Şahyr üçin dag peýzajy egsilmez ylham çeşmesi. Şoňa görä dag tebigatyndan hyjuwlanan şahyr liriki detallary incelik bilen janlandyryar:

Daglardan el tutup, gubary gocse,
Lemmer-lemmer bolup, jülgee düşse,
Nazenin gozeller zulpuni acsa,
Agyp deger, hem köwsary bu dagyň.[3]

[1]Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 42 sah.
[2] Şol erde.
[3] Şol erde.

Dag peýzajynyń gözel görnüşi bilen ynsan gözelliginiń şahyrana suratkeşlik arkaly utgaşdyrylmagy liriki kartinalylygy güýçlendirýär. Gelin-gyzlaryń yhlas bilen serenjam beren zülplerini dag şemalynyń oýnamagyny liriki gahryman gözel dag tebigatynyń ajaýyp häsieti hökmünde göz öńüne getirýär.

Görnüşi ýaly, Kätibiniń liriki gahrymanynyń watançylyk pafosynyń tebigat hadysalary bilen utgaşykly ýüze çykarylýan halatlarynda umumy XVIII-XIX asyr edebi protsesinde ýörgünli bolan liriki mazmunyń konkretleşme däbiniń täsiri guycli duýulýar. Munuń şeýledigi watanyń tebigy gözelliklerini guwançly ykrar edijilik, olary buysanc bilen detallayyn nygtamaklyk yaly XVIII-XIX asyr şahyrlarynyń aglabasy üçin umumy bolan printsipleriń Kätibiniń hem döredijilik printsipine owrulendigi bilen delillendirilyar.

Şu erde meseläniń başga bir tarapy özüniń aýratyn üns berilmegine mynasypdyr. Peyzajly lirikada ideya-mazmun liriki gahrymanyń dińe aýratyn alnan anyk bir pursatlayyn duygylanmasyny yuze cykarmak bilen konkretleşýändigi nukdaýnazaryndan XVIII-XIX asyr şahyrlarynyń arasynda umumylyk bar hem bolsa, şol konkretleşen ideýa- mazmunyń tebigatynda jemgyetçilik ähimietli tendentsiýanyń barlygy ýa-da yoklugy taydan olar bir-birlerinden düýpgöter tapawutlanýarlar. Başgaça aýdylanda peýzaj lirikasynyń hut şu häsieti klassyky şygyr nusgalary, klassyk däl nusgalardan tapawutlandyrýan esasy ölçegdir. Eger şahyr özüniń peýzajly lirikasyndaky konkret ideýa-mazmuna jemgyetçilik äheń sińdirip bilen bolsa, ony taryhy döwrüń wajyp meseleleri bilen baglanyşdyryp bilse, has takygy liriki gahrymanyń anyk pursatlaýyn duýgylanmasy konkret taryhy şertler üçin tipiki bolan meseleler bilen galtaşan bolsa, dińe şu ýagdaýda peýzaj lirikasyndaky konkret watançylyk ideýa-mazmundan gelip çykýan watançylyk pafos sözüń doly manysynda bitewileşip bilýär we döredijiligiń watançylyk ideýa- mazmun taýdan differentsirleşmegi hem dińe şundan sońraky etaplarda ýüze çykyp bilýär.

Eger didaktiki poeziyada ideya-mazmunyń konkretleşmeginiń we bitewiligine mumkincilik az bolsa, soygi lirikasynda, biz munyń bütinleý tersine bolan ýagdaýy görýäris. Klassyky edebiýatda liriki mazmunyń iń ýokary derejede sistemalaýyn konkretleşip, profosyń hem sistemalaýyn bitewileşen tematikasy, yşky-soygi tematikasydyr. Sebabi soygi lirikasynda obekt we onuń hereket örüsi, beýleki tematikalara garanda, konkretdir, liriki gahrymanyń hyjuwlanmalary, duýgylanmalary ýalńyz magşuk obektiń öwereginde çugdamlanandyr. Bu sözüń tutuş döredijilik gabarasy bilen edebi däbiń täsirinde bolan Kätibiniń doredijiliginde hem şeýledir. Eýsem söýgi tematikasy tutuş edebi protsesiń ösüş derejesi arkaly tassyklanýan konkretlik bilen tassyklaşýan bolsa, onda liriki mazmunyń konkretleşiş däbine wepaly bolan Kätibiniń döredijiliginde bu hadysa nähili özgerişe sezewar bolup bildikä? İlki bilen şeýle özgerişlik Kätibiniń döredijiliginde bu tematikanyń dińe öz özlüginde işlenmek derejesine çenli konkretleşdirilendigi bilen baglanyşyklydyr. Elbetde, bu tematikany öz-ozluginde işlemeklik dińe Kätibä degişli däldir. Söýgi tematikasyny gaýry tematikalaryń fondynda işlemekden gaça durmaklyk eýýäm Kätibä çenli grajdanlyk hukugyny gazanan edebi däpdi. Ýöne söýgi tematikasynda liriki gahrymanyń duýgylanmalaryny meseläniń sotsial hem ahlak-etiki taraplary bilen galtaşdyrmak we gatyşyk mazmunda suratlandyrmak hem yorgunlidir. Meselem, soygi lirikasyndaky liriki gahryman heniz:

Mal bereýin diýsem, küşdüm etişmez,
Mende ýokdur mal, boýuńa döneýin.[1]

Ya-da

Bugdaý reń bolsun akdan-garadan,
Ýagşy gylyk, ýagşy hoýly gerekdir-[2]

---

[1] Kemine. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, «Türkmenistan» 1971, 118 sah.
[2] Zelili. Goşgular. Aşgabat. «Ylym» 1986. 94 sah.

ýaly sotsial äheńde, didaktiki duýgulardan hem halas däldi. Ýogsam Keminäniń-de, Zeliliniń-de söýgi lirikasy bu tematikanyń işleniş taryhynda ideýa-mazmunyń konkretleşme hem bitewileşme protsesiniń ýokary nusgasy bolmagynda galýardy. Şeýle-de bolsa, liriki gahrymanyń söýgi duýgusynyń gatyşyk mazmunda ýüze çykarylýandygyny fakty belli bu şahyrlaryń döredijiliginde hem gabat gelýärdi. Katibiniń döredijiligindäki yşky mazmun bolsa şeýle gatyşyklykdan sistemalaýyn sapdy.

Çeşmäniń başynda görüp ýüzüńi,
Agzym açyp, ýitirmişem özümi.
Näz bilen kep ursań, eşdip sözüńi,
Totular lal bolur tiller icinde-[1]

bendinden görnüşi ýaly, Kätibiniń liriki gahrymanynyń söýgi hyjuwy takyk bir pursatlaýyn duýgynyń esasynda ýüze çykarylýar we bu sistemalaýyn häsiete eedir. Şunlukda Kätibiniń döredijiliginde yşky mazmun öz-özlüginde differentsirleşen konkretlige baryp etýär. Bu hadysa çeperçilik taýdan özüniń gutarnykly stadiýasyna Mollanepesiń döredijiliginde etip bildi. Hut şu ýagdaý hem ol şahyrlaryń söýgi duýgusy bilen hyjuwlanýan liriki gahrymanlarynyń ruhubelent pafosly bolmagyny şertlendiripdir.

Kätibi öz döredijiliginde yşky söýgini ynsanyń iń belent, iń gözel duýgusy hökmünde dabaralandyrýar. Şonuń üçin yşky meseleden söz açanda, onuń ýokary derejeli hyjuwlylygy yuze cykyar. Soygi duygysynyń näzikligi we mukaddesligi onuń liriki gahrymanynyń hemişe ruhubelent pafos bilen joşup durmagyna itergi beryan esasy ruhy guycdir:

Yarym gulap geydi, meylis gurmaga,

[1]Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 56 sah.

Men şikara çykdym, maral gormage,
Laçyn köńlüm omzar, seni urmaga,
Sen bir ýaşylbaşsyń, kölden uçan gyz.[1]

Elbetde, beýle diýmek bilen biz Kätibiniń yşky lirikasyna gaýgy hasrat ýatdyr diýmekden daşdadyrys. Ýöne Kätibiniń liriki gahrymanynyń yşky gam – gussasy sotsial garşylyklaryń netijesinde dörän hasrat däl-de, päk söýginiń çiriksiz hasraty, aşyk-magşuk arasyndaky gatnaşyklarda ýüze çykýan wagtlaýyn şahsy duýgylaryń, pynhan hyjuwlaryń döredýän hasratydyr.Liriki gahrymanyń bu pursatlaýyn hasraty öz magşugynyń  näz- kereşmesi, ondan wagtlaýyn jyda düşmesi bilen baglanyşykly döreýän hasratdyr. Bu hili gussa  magşugyń bir sözi bilen ýa bir herekti bilen bütinleý dargap hem gidýär we edil şonuń ýaly, öńküsinden has güýçlenip hem bilyar, ya-da oz ornuny soygiden humarlanan optimizm bilen çalşyryp hem bilýär. Şu jähitden Kätibiniń liriki gahrymanyny belli derejede Mollanepesiń liriki gahrymanyny ýakynlaşýar. Sebäbi Mollanepesiń liriki gahrymanynyń hem, Kätibiniń liriki gahrymanynyń hem söýgi duýgusy, hyjuwy meseläniń sotsial tarapy bilen gatnaşykda ýüze çykarylmaýar. Yşk- soygi duýgylarynyń döwrüń ähli sotsial päsgelçiliklerinden üzńe açylmagy bolsa bu şahyrlaryń liriki gahrymanlarynyń ruhubelent pafoslylygynyń düýp çeşmesidir. Hut şu hadysanyń başga bir sebäbe görä, has takygy bolsa, Mollanepesiń-de Kätibiniń-de öz göwün beren gyzlary bilen durmuş guryp bilendiklerine görä şeýle bolan bolmagy-da mümkin. Eýsem söýginiń sotsial garşylyklaryny öz gerdeninde ceken Magtymguly, Zelili, Mätäji, Dosmämmet ýaly şahyrlaryń liriki gahrymanlarynyń häsietiniń galapyn meseläniń sotsial tapyna degişli gapma-garşylyklaryń içinde açylýandygyna hem olaryń yşky hasratlarynyń sotsial sebäpleriniń bolandygy bilen düşündirilýär. Şonuń üçin Meńlisinden ayrylan Magtymgulynyń, Döndüsini ýitiren Zeliliniń, Annagülüni elden gideren Mätäjiniń,

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 81 sah.

Aýjemalyny aldyran Doasmämmediń liriki gahrymanynyń ruhy tragediýasy bilen Mollanepesdir Kätibiniń liki gahrymanynyń çekýän gam-gussasynyń düýp özeni bir daldir. Emma beýlem diýildigi entek liriki gahrymanlaryń hyjuwlanmalaryndaky tutuş taryhy döwre häsietli bolan tragiki umumylyklaryń düýbinden inkär edilmegini ańlatmaýar.

Şeýlelikde bu fakt Kätibiniń liriki gahrymanynyń häsieti, hyjuwy, hereketleniş örüsi, edebi däbiń onuń ýörelgeleriniń täsirinde bolanlygyndan daşgary, onuń heniz dessan poeziýasynyń umumylyk, standartlak, abstraktlyk ýaly printsipleriniń täsirinden hem doly ara açyp bilmändigini görkezýär. Şonuń bilen baglylykda onuń boýdan başa döredijiligi şol tematika boýunça differentsirleşen döredijilik güýçler bilen bäsleşmäge ýykgyn edýändigini-de syzmak kyn dal. Bu bolsa Kätibiniń edebi protsesiń umumy ösüş taryhynda öz döredijiligine talapkärlik bilen çemeleşen döredijilik şahs hökmünde yz galdyrmagyna ýardam edipdir.

## 2. Edebi-çeperçilik ýörelgeler we Kätibiniń poetikasy

Liriki mazmuny şahyrana ýüze çykarmagyń taryhy şertlere laýyk gelýän çeper beýan ediş serişdeleri Kätibiniń döwrüne çenli özüniń bütin gerimliliginde sünnälenmekligiń we syntgylanmaklygyń klassyky talaplaryna jogap berýän beýikligine galdy. Onuń üçin Kätibiniń poeziýasynyń umumy klassyky nusgalarda işledilen çeperçilik serişdelere we halk şahyrana döredijiliginiń poetikasyna mahsus bolan däpleriń täsirinde bolmagy kanunalaýyk hadysadyr. Emma Kätibiniń döredijiliginiń umumy poetikasynyń şeýle täsiriń astynda bolmagynyń esasy sebäbini dińe bir çeperçilik serişdeleriń ulanylyşynda taraşlanan däpleriń kemala gelendigi bilen düşündirmek eterlik däldir. Edebi täsiriń beýan ediş printsiplerine, serişdelerine aralaşmagynyń gönezligini hut çeper mazmunda dowam eden ýakynlykdan, kybapdaşlykdan gözlemeklik has maksada laýykdyr. «Umuman

aýdanda, taryhy şertlere laýyklykda çeper edebiýatyń mazmuny-da, formasy-da bilelikde özgerýär. Olaryń biri üýtgäp, beylekisi uytgeman galmayar[1]» Bu erde mazmun bilen formanyń bitewilik häsietiniń baş kriteriý hökmünde orta düşýändigi we çeper mazmunyń XIX asyr şertlerdäki ösüş derejesiniń heniz ondan öńki döwürlerde kemala gelen formal däpleriń çygryndan uzaklaşmagy-ha beylede dursun, gaýtam hut şol traditsion formasyny talap edendigi nazarda tutulýar.

Şundan hem diliń çeper beýan ediş serişdeleriniń analizini çeper mazmunyń çäklerinden üzńeleşdirmekligiń mümkin däldigi gelip çykýar.

Şu jähitden Kätibiniń çeperçilik babatdaky edebi däbe eerişiniń düýp özenini açyp görkezmeklik meselesi onuń poeziýasynda ulanylan şahyrana serişdeleriń hut liriki mazmuna bolan gatnaşygyny aýdyńlaşdyrmak meselesi bilen utgaşyp gidýär.

Bu meseläniń çözgüdine Kätibiniń döredijiliginde ulanylan şygyr formalaryna ser salmakdan başlamak maksada laýykdyr. Kätibi bu babatda esasan klassyky şygyr senediniń formal däplerini mynasyp dowam etmeklige ýykgyn edýär. Onuń ulanan goşgy formalary türkmen klassyk şahyrlarynyń döredijiliginde gińden işledilen gazal, murapbag, muhammes, formalaryndan ybarat bolup, olaryń ritmiki gurluşy, kapiýalaşdyrylyşy traditsion esaslardan daşlaşmaýar. Şeýle-de bolsa, şahyryń ulanan goşgy formalarynyń jikme-jik analizi esasynda onuń käbir indiwidual ayratynlygy hakda pikir ýöretmäge mümkinçilik ýok däldir. Şu erde Kätibiniń çeperçilik babatdaky edebi däbe eerşiniń düýp özeniniń ulanylan çeperçilik serişdeleriń liriki mazmuna bolan gatnaşygynda has aýdyńlaşýandygyny ýatlamak zerur. Hatda ulanylan şygyr formalaryń liriki mazmunyń talaplaryndan ugur alýandygynyń fakty hem hut şuny tassyklaýar. Kätibide beýan ediljek liriki mazmunyń häsietine laýyklykda murapbagyń dürli ölçeglerine ýüzlenilendigini synlamak bolýar. Eger çeper mazmunyń tebigatynda şahyrana göçgünlilik yokundysy bar bolsa, şeýle mazmun Kätibide köplenç edi-sekiz bogunly murapbag formasy arkaly beyan edilyar:

[1] Abdyllaew Ö. Edebiýat teoriýasynyń esaslary. Aşgabat, «Türkmenistan» , 1972, 101sah.

Dat elińden söwer ýarym!
Seniń gahryń kyýamatdyr.
Men garyba seniń ucin,
Dowam aglamak adatdyr.[1]

Kätibide şu şygyr ölçegi dińe formal bezemenligiń hatyrasy üçin ulanylman, konkret çeper döredijilik matlaplardan ugur alýar. Eýsem bu erde şahyryń döredijilik maksady näme? Murapbagyń bu ölçegine yuzlenmek bilen gazanylan utuş nämede? Bu erde şahyryń döredijilik matlabynyń esasy Ugry mazmunyń tebigaty bilen utgaşyp çykýar. Forma mazmunyń talabyna tabynlyk printsipinden ugur alýar. Liriki mazmunyń bu goşgudaky ösüş ugry ýokary depginli belent ritmi talap edýär. Murapbagyń edi-sekiz bogundan ybarat formasy bolsa şeýle ritme laýyk gelýän duýgyny özüniń bütin göçgünliliginde, emotsionallygynda beýan etmek üçin iń amatly ölçegdir.

Şahyryń galapyn traditsion kapyýalara ýüzlenendigine garamazdan, olar liriki mazmunyń ösüşine dahylsyz çeperçilik serişdeler däldirler. Çünki şol kapyýalar arkaly Kätibiniń zehin eleginden geçen ideýa, şahyryń idealyny ýüze çykarýan çeper mazmun aýdyńlaşýar. Kapyýanyń tebigatyndaky bu häsiet Kätibiniń döwrüne çenli türkmen klassyky poeziýasynda we halk şahyrana nusgalarda däp hökmünde formirlenipdir. Şońa görä Kätibiniń lirikasynda kapyýanyń ilkinji nobatda çeper mazmunyń sostaw bölegi bolmak häsietiniń sistemalaşandygy tötänden däldir:

Yşkyń meýin bir näzliniń elinden,
İçsem-oldurerler, icmesem-olem.
Serwi senuber dey ince bilinden,

[1]Katibi. Saylanan eserler. Aşgabat. 1963, 35 sah.

Gucsam-oldurerler, gucmasam-olem.[1]

Nusga alynan bu bendiń kapyýalar sistemasy mazmunyń ösüşinden daşarda galýan serişde däl-de, gaýtam onuń bilen organiki baglylykdaky serişdedir. Kapyýanyń funktsiýasyny öz üstüne alan sözler mazmunyń şundan sońky ösüşine goniden-goni dahylly bolan sozlerdir. Ayratyn-da, onuń söýgi lirikasynda şeýle traditsion kapyyalar sistemalaýyn gabat gelýär. Elbetde, beýle diýildigi Kätibiniń yşky-söýgi eserlerinde original kapyýalaryń düýbünden ulanylmandygyny ańlatmaýar. Olar yşky-lirikada hem azda-kände duşýar. Emma şahyryń ýüzlenen beyleki tematiki ugurlarynda soygi lirikasyndaka garanda, original kapyyalar yygy-ýygydan işledilýär. Eýsem Kätibiniń:

Arkaçda gaçandyr dört ýabyń weji-
Akdepe, Garagan, Mehin, Yarajy,
Her kimiń öz ýurdy ozune suyji,
Garyplara oturmaga dync gerek-[2]

bendinde kapyýa üçin saýlap alan sözlerini öńde-sońda özünden başga, bir bendiń çäginde, kapyýalar kompleksine girizen şahyr ýok. Ene bir bellemeli zat, şahyr murapbaglaryń başky bendini köplenç boşaşa (a b s b) formada kapyýalaşdyrýar. Şeýle forma dessan poeziýasynda has köp duş gelýär. Şońa görä muny dessan poeziýasynyń Kätibä eden täsiri hökmünde häsietlendirmek dogrudyr. Dessan poeziýasynyń däplerine şahyryń dińe bir forma jähitden dal, ideya-mazmun babatlarda hem eerendigini söýgi lirikasynyń mysalynda syn edipdik.

Kätibiniń döredijiliginde mukdar taýdan az hem bolsa, rubagy formasynda ýazylan bentleriń duşýandygy-da bellemeli faktdyr. Şahyryń ulanan bu şygyr formasy hakda soz acyp, M.Garryew şeýle diýýär: «Adatça rubagylar on bir bogun

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 32 sah.
[2] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 21 sah.

bolup, awtorlarynyń atlary iń sońky setirde getirilýär. Emma Kätibi ony öz «galypyna» salyp, adyny hem hemişe ilkinji setiriń başynda getirýär»[1]. Alym bu erde Kätibiniń rubagylaryna häsietli aýratynlyklary örän dogry belleýär. Kätibiniń bentleri özüniń original kompozitsiýasy bilen aýratyn tapawutlanýar. Şahyr rubagynyń başky iki setirinde birbada biri-birine gapma-garşy bolan iki pikiri orta atýar. Sońky iki setirde bolsa garşylykly goýlan şol pikirlerden özüniń esasy ideyasyny saylap alyar:

Katibi diyr, ogyrlyk kyl,
Yok, any etme, dogurlyk kyl,
Eşitip-görinçe bet işni
Hem kor bol, hem sagyrlyk kyl[2].

Görnüşi ýaly, birinji setirde ykrar edilen pikir (tezis) ikinjide inkär edilýär (antitezis) we şol bada hem mazmunyń şundan sońky ösüşinde dabaralanjak pikir orta cykarylyar.

Kätibiniń döredidijilik şahsyeti bitewiligi özünde jemläp bilen şahsyetdir.

Kätibi şygyr sungatynyń klassyky tejribeleri esasynda kemala gelen stilistik figuralaryń dürli görnüşlerinden ussatlarça peýdalanypdyr. Şahyryń poeziýasynda ritoriki ýüzlenme hem kesgitleýji rol oýnaýar. Onuń murapbaglarynyń aglabasynda giriş bendini ritoriki ýüzlenme bilen başlamaklyk kada hökmünde sistemalaşypdyr. Ol hili ritoriki ýüzlenişler liriki gahrymanyń ruhy ahwalyna, hyjuwyna, düşünjesine laýyklykda işledilen «dostlar, eý ýaranlar, eý agalar, kadyr alla, eý dilberim, söwer ýarym, könlüm» ýaly dürli hili ritoriki ýüzlenişe obekt bolup hyzmat edýän sözleriń erine etirýän stilistik funktsiýasyndan ańlanylýar. Ritoriki intonatsiýa köplenç öz başlangyç badyny hut şol hili sözlerden alyp çykýar.Muńa has aýdyń göz etirmek üçin käbir goşgularyń başlangyc setirlerinde intonatsion

[1] Şol erde 5 sah.
[2] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 39 sah.

basymyń ritoriki ýüzlenmäniń ýokary templi basymy bilen sazlaşyp gidýän pursatlaryna ser salmak eterlikdir. «Köńlüm, gam bile dünýäden»[1], «Kadyr alla, sen-sen, puşdy-penahym»[2], «Eý ýaranlar, söwer ýarym garşydan»[3], «Ya keremli şahym, gudratly jepbar»[4] we şulara meńzeşler. Nusga hökmünde alnan şu setirlerdäki «köńlüm, kadyr alla, eý ýaranlar» sözlerine we iń sońky setiriń bolsa tutuş hemmesine pessaý äheń bermek asla mümkin däl. Sebäbi ritoriki ýüzlenişiń intonatsion bat alyş nokady hut şol sözleriń üstüne düşýär.

Prof. Ö.Abdyllaew ritoriki ýüzlenmeleriń şahyrana halk döredijiliginde has köp duş gelýändigini ýörite nygtaýar[5]. Şu nukdaýnazardan Kätibide ritoriki motiwleriń giń gerim almagynda folklor eserleriniń täsirini inkär edip bolmaz we ol döredijilik täriń şahyrda sistemalaşmagynda esasy traditsion çeşmeleriń biridir.

Kätibiniń döredijiliginiń çeperçilik aýratynlygy hakynda gürrüń edilende, onuń poeziýasynyń erşini we argajyny düzüp duran kontrastlyk barada ýatlamazlyk mumkin däldir. Şahyryń poetikasyndaky kontrastlygyń döredijilik tär hökmünde aýratyn öńe saýlanmagynda ilkinji nobatda durmuşyń özüniń gapma-garşylykly gatnaşyklardan we hadysalardan püre-pür bolandygynyń täsiri bardyr. Şeýle kontrastlyk liriki eserde hakykatyń çeper beýan ediş serişdesi hökmünde şahyrana antitezalaryń işledilmegi arkaly gazanylýar:

Şol gün **baydan** gayra diymazler **garyp**,
Söweş güni meýdan içre mes bolsa[6]

Bu erde «bay-garyp» sözleriniń bir-birine gapma-garşy goýulmagy netiüesinde ýüze çykan şahyrana kontrastlygyń sotsial mazmuny bar. Kätibiniń sotsial meselä galtaşýan eserlerinde şeýle sotsial kontrastlygyń çeperçilik tär

---
[1]Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 51 sah.
[2]Şol erde, 35 sah.
[3] Şol erde, 33 sah.
[4] Şol erde, 29 sah.
[5] Abdyllaew Ö. Edebiýat teoriýasynyń esaslary. Aşgabat, 1972, 192 sah.
[6] Şol erde, 43 sah.

hökmünde birinji plana geçmegi diňe bir çeperçiligiň hatyrasy üçin bolman, eysem hut liriki mazmunyň tebigatyndan gelip çykýan zerurlykdyr.

Eýsem Kätibiniň «Güli begenmez» şygrynyň tutuşlygyna antitezalar bilen bezelmegi ideya-çeperçilik maksatlardan üzňe hadysa däldir. Şahyr bu şygrynda durmuşdaky kontratlyklaryň örän köptaraply yuze cykmalaryna degip gecyar. Gapma-garşylyklaryň sotsial mazmuny barada hem öz dünýägaraýşyna laýyklykda pikir ýöredýär. Liriki gahrymanyň dünýä synçylygy ony deňsizlikleriň, gapma-garşylyklaryň ummanyna çümdürýär:

Zemistanda gezen zagy-zagcalar,
Horram bolan taze guli begenmez.
Agzy bilen toprak tartyp murcalar,
Guyclulik babynda pili begenmez[1].

Durmuşdan alynan bu tebigy kontrastlyklara «Begenmez» redifi bilen gonuden-göni sotsial äheň berilýär. Bu erde garga gözelligiň simwoly-gule, garynjanyň hem güýçlüligiň simwoly-pile gapma-garşy goýulmagy netijesinde döreýän kontrastlyk «begenmez» redifi arkaly garganyň gule mahsus gozelligi, garynjanyň hem pile häsietli güýçliligi inkär edýänligi ýaňzydylýar. Allegorik fonda şöhlelenýän bu kontrastlygyň jemgyetçilik durmuşdaky sotsial mazmuny nejisligiň-gözelligi, ejizligiň hem güýçlüligi özara inkär edijilik tebigatynyň real şöhlelendirilmesinden ugur alýar. Şygyrda allegoriki esaslardaky şeýle antitezalar uly orun tutyar. Olar gonuden-göni Adam häsietleriniň hem bir-birine gapma-garşy goýulmagy bilen utgaşykly şöhlelendirilýändigi üçin allegoriki obrazlaryň astynda gizlenýän podtekst äşgär ýüze çykyp bilýär:

Hekek saýrap, özün muşy per biler,

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 42 sah.

Ner yok erde, gohert ozun ner biler[1].

Liriki mazmun şundan sońra bu allegorik antitezalaryń döredýän kontrastlygynyń üsti bilen ańladylmaly jemgyetçilik sotsial manynyń düşündirilişi hökmünde ösýär we şahyryń hekek bilen muşy-peri, ner bilen goherdi bir-birine garşy goýmak netijesinde öz öńünde tutýan ideýasy aýdyńlaşýar:

Akmaklar özüni saýyr bir kişi,
Özgeler üstüne kylar käýişi,
Köńlünden asmana etmişdir başy,
Tekepbirden ulus-ili begenmez[2].

Diymek, allegorik kontrastlykda inkar edilyan hekek obrazy akmak tipine parellel bolsa, ner-gohert kontrastlygynda inkar edilen gohert obrazy tekepbir tipine parelleldir.

Liriki obrazyń ýokary çeperçilik bilen formirlenmeginde diliń leksiki serişdeleriniń – obrazly ańlatmalaryń kesgitleýji roly bardyr. Kätibiniń döredijiligi babatda şeýle kesgitleýji rol deńeşdirme, epitet, metafora, meńzetme, janlandyrma, ulaltma, kiçeltme ýaly obrazly ańladyş serişdelerine degişlidir.

Kätibiniń döredijiliginde şahyrana epitetlere örän giń orun berilýär.Emma çeper beýan ediş serişdesi hökmünde onuń erine etirýän funktsiyasy hemme halatda bir deń derejede däldir. Sebäbi Kätibiniń şahyrana epitetleri käbir ýagdaýlarda dińe formal funktsiýalary erine etirýär, obrazyń daşky formasynyń sypatlandyrmasy hökmünde çykyş edýär.

Kätibiniń poeziýasynda liriki obrazyń ruhy dünýäsiniń häsietlendirmesi bolup hyzmat edýän epitetler köplenç liriki gahrymanyń temperamenti, hyjuwy sotsial äheńe ýugrulan pursatlarda ýüze çykýar:

---

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 42 sah.
[2] Şol erde, 42 sah.

Bir zaman olturyp karary etmez,
**Mekir** baylar mulki-maldan ayrylsa[1].

**Bahyl** maly tutar dagy-duz bile,
İýjek nanyn ölçäp bişir göz bile[2].

Nusga alynan bu sypatlandyrmalar baý tipiniń aýry-ayry pursatlardaky ruhy ahwalatyny hasietlendirip gelyar. Mekirlik hem, bahyllyk hem baý tipiniń häsietli sypatydyr. Şonuń üçin bu sypatlandyrma obrazyń ruhy dünýäsine, ruhy mazmunyna kybapdaş sypatlandyrmalardyr. Bular dińe liriki häsietiń açylmagyna gonuden-göni gatnaşykly çeperçilik serişde bolmak bilen çäklenmän, eýsem liriki obrazyń kemala gelmeginde kesgitleýji ähimiete ee bolup durýan çeperçilik serişdedir.

Metaforik ańlatmalar Kätibide obrazly ańladyş serişdesi hökmünde iń köp ýüzlenilen çeperçilik elementidir. Ol şahyryń çeper pikirleniş älemini sistemaly göz öńüne getirmäge mümkinçilik berýär. Ýagdaýyń aýdyń göz öńüne gelmegi üçin şeýle sistemany emele getirýän «ot» sözi bilen baglanyşykly ýüze çykan metaforik hatara ser salmak eterlikdir. Kätibide bu sözüń obraz dörediş ýaýrawy traditsion standart metaforalaryń hasabyna has gińeýär. Şahyr üçin «ot» dińe bir yşka ýa-da hijrana degişli standart ańlatmanyń hyzmatynda däl-de, ol liriki gahrymanyń anyk bir pursatdaky ruhy güzaplaryny umumylaşdyryjy simwoliki ańladyş serişdesi bolup hyzmat edýär. Şunda metaforik obrazlylyk döretmek funktsiýasyny hut «ot» sözüniń ýalńyz özi ýa-da onuń sinonimdeş sözleri erine etirýärler. Meselem: «Yşkyń hastasy men çydaman **koze**»[3], «Jismimni yakyp **otga,**

[1] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 56 sah
[2] Şol erde 58 sah.
[3] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 45 sah.

bagrymny kebap etme»[1] , «Yurek doz gelmez **oduńa**»[2], «Mey diyip icdim any, mey dal eken bir ot heý, Tutaşypdyr ataşy söndüreli imdat heý»[3] we şuńa meńzeşler. «Ot» bu erde liriki gahrymanyń ruhy ahwalatynyń dartgynly pursatlaryny simwolizirleýji serişde bolup durýar.

Kätibiniń liriki gahrymany durmuş söýüji obraz hökmünde öńe çykýar. Eger şahyryń poeziýasynda «ot» durmuşyń simwoly bolýan bolsa, durmuş söýüji liriki gahrymanyń hem dińe «taýagyń» bir ujy barada pikir ýöredip, beýleki bir tarapyny- bu erde ölümi ünsden düşürmeginiń mümkin däldigini nazarda tutsań, onda durmuşy inkär edýän – simwoliki «ody» söndürýän gara güýjüń- ölümiń hem obraz derejesine galýança işleniljekdigi ikuçsyzdyr. Kätibide ol şeýle derejä galýança işlenilýärem. Şahyryń döredijiliginde durmuş simwolynyń – «oduń» garşysyna goýulýan nägehan güýjüń (ölümiń) simwoly- «hazan elidir». Şońa göräde Kätibiniń poetikasynda ölüm ýa-da olum pellesini tutmaklyk gonuden-goni «hazan eli» tarapyndan «oduń» söndürilmeginiń üsti bilen obrazly ańladylýar:

Bu **hazannyń sarsary** gurytdy omrum bagyny[4],
Tegdi bir **bady- hazan** omri-nahalyń neýledi[5],

Nowruz güni täze gül dek açylsań,
**Hazan eli** osgec solur gider sen[6].

Ya-da:

**Hazan eli** urdy, gurydy bagym,
Sil aldy dunyani, yykyldy dagym,
Uçdy döwlet guşum, söndi çyragym,

[1] Şol erde, 30 sah.
[2] Şol erde, 92 sah.
[3] Şol erde, 49 sah.
[4] Şol erde, 39 sah.
[5]Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 39 sah.
[6] Şol erde, 19 sah.

Şum pelek meýlisim dargatdy balam[1].

Görnüşi ýaly, bu traditsion metaforalar liriki gahrymanyń dartgynly psihologik ýagdaýyny obrazly ańladýan original metaforik ańlatmalar bilen sepleşip, mazmunyń umumy bitewiligini şertlendirýär.

Kätibiniń poetikasynda traditsion metaforalar bilen birlikde, hut onuń özüne mahsus bolan obrazly metaforik ańlatmalaryń gabat gelýändigini hem bellemelidir. Bu bolsa şahyryń çeper pikirleniş ussatlygynyń indiwidual taraplary hakda söz açmaga mümkinçilik berýär. Şeýle indiwiduallyk onuń didaktiki lirikasynda has äşgär ýüze çykýar. Didaktizm Kätibiniń poeziýasynda öńe çykýan häsietli motiwleriń biridir. Şahyryń «Ýaraşmaz» şygrynda dostluk, agzybirlik meselesi gozgalýar. Agzybirlik ideýasy goşgynyń ilkinji setirlerinde awtologik häsietde öńe surulyar:

Agyzlar bir gerek dowletli ilat,
Agzalalyk agyr ile ýaraşmaz[2].

Emma liriki gahrymanyń duýgusyna, hyjuwyna zor salýan esasy ideýanyń ýüze çykarylyş protsesi şeýle gönümellikden kem-kem metalogik hasietde gerim almaklyga geçýär. Şygryń merkezi ideýasy metaforik obrazlylyk bilen janlanyp ugraýar. Munuń üçin agzybirlik ideýasyny özünde jemleýän simwoliki ańlatmalar esasy ideya-çeperçilik yezipäni öz üstüne alýar we olar şygryń ideýa-emotsional hereketlendiriji guyjune owrulyar:

Her söhbetiń teni-reńgi bir gerek,
Bir meýlis içinde ala ýaraşmaz[3].

[1] Şol erde 19 sah.
[2] Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat. 1963, 86 sah.
[3] Şol erde, 86 sah.

Bu erde esasy ideýany ýüze çykarmagyń agramy «söhbet» hem-de «meylis» sözleriniń üstüne düşýär we ol sözler agzybirligiń simwoliki ańladylmasy bolup duryar.

Kätibiniń döredijiliginde troplaryń iń köp gabat gelýän formasy meńzetmelerdir. Şahyryń meńzetmeleriniń beýleki obrazly ańladyş serişdeleriniń arasynda has ýakyn hyzmatdaşlyk görkezýän we çeperçilik bitewiligini emele getirýän çeper serişdeleriniń biri hem allegoriýadyr. Bu, elbetde, klassyky şygyr nusgalarynda yorgunli bolan däpdir. Şonuń üçin Kätibiniń meńzetmeler sistemasy hem traditsion hasiete eedir.

Şahyryń obrazly meńzetmeleri galapyn «misli, deý, deýin, dek, ogşap, kimin, kibi, meńzär» ýaly traditsion kömekçi sözler arkaly ýasalýar. Eri gelende Katibide hic bir kömekçi söz ulanmazdan, meńzeýän hem meńzedilýän predmetiń ýanaşyk getirilmegi arkaly ýasalan meńzetmeleriń hem bardygyny bellemeli:

Boylary tuby-çynardyr, şemsi- kamardyr yuzleri,
Tilleri şähdi-şekerdir, lefzi arapdyr sözleri.[1]

Görnüşi ýaly, boý-tuby-cynara, yuz- şemsi-kamara, til- şähdi-şekere meńzedilip, birinjiniń häsieti ikinjiden (meńzedilýänden) göniden-goni ańlanylýar.

Her halda, Kätibiniń bize gelip eten mirasynyń agramly bölegi onuń umumy meńzetmeler sistemasynyń traditsion sepgitlerinden üzńeleşip bilmändigini subut edýär. Şahyryń umumy çeperçilik aýratynlygynyń hem traditsion sepgitleriń çäginde kemala gelendigini nazarda tutsań, onda onuń meńzetmeler babatdaky traditsionlygy kanunalayyk hadysa hokmunde hasietlendirilmelidir.

[1]Katibi. Saylanan eserler. Aşgabat. 1963, 82.

## Netije

XIX asyr türkmen klassyky şygyr senediniń baý hem ajaýyp hazynasynyń egsilmez gymmata ee bolmagynda ol hazynany ceper syntgylanan liriki eserleri bilen ep-esli baýlaşdyran Öweztagan Kätibiniń-de mynasyp payy we orny bardyr. Şahyr XIX asyr edebi protsesiniń taryhynda tutýan bu ornuna dińe bir şol ýüz ýyllykda ýaşap hem döredip geçenligi üçin mynasyp bolmady. Ol bu orny XIX asyr klassyky poeziýasyny özüniń taryhy kökleri döwrüń jemgyetçilik-syyasy yagdaýlary bilen şertlendirilen, halkyń gündelik durmuş hajatlary we arzuw-islegleri bilen badaşdyrylan döredijiligi arkaly gazandy.

Şahyryń lirikasynyń tematiki ýaýrawy klassyky nusgalaryń derejesine galyp bilmedik döwürdeşlerinińkä garanda käbir babatlarda gińdir. XVIII-XIX asyr klassyky şahyrlarynyń ýüzlenen tematiki ugurlarynyń esasy taraplarynyń gönüden-göni Kätibiniń poeziýasynyń liriki mazmunynyń-da gerim alyş örüsine, liriki gahrymanynyń hyjuwlanmalarynyń, durmuş, dünýä baradaky oýlanmalarynyń, estetiki ideallarynyń ýüze çykyş obektine öwrülendigi hut şuny subut edýär.

Muńa garamazdan, bu ýagdaý entek Kätibiniń döredijilik şahsyet hökmünde gutarnykly indiwiduallaşandygyny we onuń liriki gahrymanynyń öńli-sońly differentsirleşen pafosa ee bolandygyny ańlatmaýar. Kätibiniń döredijiligi köp babatlarda heniz klassyky nusgalaryń täsirinden saýlanyp bilmedik ideýa-pafosa ýugrulan döredijilik bolmagynda galýar. Munuń düýp sebäbi ideýa-estetiki çeşmeleriń we taryhy zamanyń sotsial-ykdysady, syyasy-jemgyetcilik şertleriniń umumylygyndan başga-da, Kätibiniń liriki gahrymanynyń hyjuwlanyş, duýgulanyş, oýlanyp biliş ukybynyń hem traditsion esaslarynyń çygryndan çykyp gitmäge ejiz gelenligindendir. Has, takygy, Kätibiniń liriki gahrymanynyń hyjuwlanyş, duýgulanyş temperamenti özboluşly sotsial, watançylyk, yşky-soygi yaly motiwlere ya-da gaýry indiwidual äheńlere gutarnykly ýugrulyp bilmänligindedir. Şonuń üçin Kätibiniń sotsial sesi hem, watançylyk hyjuwy hem, yşky duýgulanyşy hem, didaktiki ündewleri hem edebi protsesde katiba cenli

kemala gelen traditsion estetiki ideallaryń gönüden-göni täsirinde boldy. Kätibiniń döredijilik ukyby şol edebi däpleri ösdüriş etapyna aralaşyp bilmän, dińe ony özleşdiriş etapyny başdan geçirdi. Bu, elbetde, şahyryń döredijilik keşbiniń indiwiduallaşyş protsesiniń balangyç stadiýasyndan saýlanyp bilmän, edebi sredanyń däbini döredijilikli özleşdiriş etapynda galan şahyrdyr.

Emma bu Kätibiniń poeziýasy öz6nden öńki döredijilik nesliń çeper önüminiń gönüden-goni gaytalanmasy bolupdyr diyip tassyklandygy däldir. Şeýle hem şahyryń bütinleý edebi däbiń täsirinde bolandygynyń ykrar edilmegi onuń lirikasynyń durmuşy esaslarynyń inkär edilmegini-de ańlatmaýar. Eger çeper eseriń ideýa çeşmesiniń öz gözbaşyny durmuşdan alýandygy hakykat bolsa, onda ol eserden döwrüń ruhuny, konkret taryhy zamana mahsus seslenmäni eşidip, syzyp boljakdygy şübhesizdir. Kätibiniń poeziýasy hem şu jähitden özboluşly ideya-çeperçilik gymmata ee bolan edebi mirasyń belli bir bölegidir. Çünki Kätibiniń lirikasynda XIX asyryń taryhy şertlerine görä hyjuwlanýan, duýgulanýan, oýlanýan liriki gahrymanyń obrazy özüniń taryhy konkretligi bilen, jemgyetcilik-syýasy nogsanlara barlyşyksyzlyk hyjuwynda joşýan söweşjeńligi bilen öńe çykýar. Liriki gahrymanyń häsietindäki şeýle söweşjeńligiń bolsa dińe taryhy döwrüń talaplaryny, halkyń durmuş şertlerine ýakyndan beletligiń netijesinde kemala gelendigine şübhelenmese bolar. Kätibiniń liriki gahrymanynda bu söweşjeń sypat ynsanperwerlik, durmuş söýüjilik ideallaryndan ugur alýan söweşjeńlikdir. Şonuń üçin şahyryń gumanizmi onuń haýsy tematika ýüzlenendigine garamazdan, tematiki ýaýrawyń bütin gerimliliginde aýdyńlyk bilen ýüze çykýar we ol liriki gahrymanyń häsietine bitewilik berýän esasy alamatdyr. Kätibiniń dünýägaraýşynda ynsan, ynsanyń bagty, ońa bolan çuńńur söýgi merkezi meseleleriń biridir we bu şahyryń öz lirikasynda gozgan meseleleriniń hemmesiniń hamyrmaýasy bolup hyzmat edýär. Eýsem Kätibiniń lirikasyndaky döwrüń jemgyetçilik-syyasy kada-kanunlaryna barlyşyksyz hyjuwy hem, sotsial nogsanlara ýigrenç duýgusy hem, ýurduń, watanyń bähbidini aramak

meýli hem adamlaryń bir-biri bilen gatnaşygyny gowulandyrmalydygy baradaky owut-nesihat beriji äheńler hem, ynsan gözelligini hemme zatdan belentde goýmak we real gozelligi dabaralandyrmak ideýalary hem, hatda şahyryń öz düşünjesine görä onuń dini-mistiki esasdaky ündewleri hem hut adamzadyń umumy bähbitlerinden, dünewi ýaşaýşyń artykmaçlyklaryny nygtamak pozitsiýasyndan ugur alyan gumanistik pikir-hyyallaryndan osup cykyar. Liriki gahrymanyń häsietinde kemala gelen bu bitewilik bolsa Kätibini edebi protsesiń umumy ösüşinde XIX asyr şertlerine mahsus gumanistik ideýalaryń yzygiderli ündewçisi bolan pähimdar hökmünde şöhratlandyrýar.

## Peýdalanylan edebiýatlaryń sanawy


1. XVIII-XIX asyr turkmen edebiýatynyń taryhy boýunça oçerkler. Aşgabat, «Ylym», 1967.
2. Aşyky. Saýlanan eserler. Aşgabat, «Ylym», 1967.
3. Kätibi. Saýlanan eserler. Aşgabat, 1963.
4. Nuralyew D. Şahyryń döredijiliginde predmet, ideýa we hereket birligi. Aşgabat, 1987.
5. Abdyllaew O. Edebiýat teoriýasynyń esaslary. Aşgabat, 1972.
6. Myradow S. Poeziýamyzyń ädimleri. Aşgabat, 1972.
7. Jumaew K. Turkmen sowet poeziyasynda dap we tazecillik. Aşgabat, 1967.
8. Gandymow Ş. Kätibiniń şahyrana dünýäsi. Aşgabat, «Ylym» 1981.
9. Kemine. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, «Turkmenistan» 1971.
10. Oraztaganow A. XIX asyryń sepgidindäki türkmen edebiýatynyń taryhyndan. Aşgabat 1966.
11. Zelili. Goşgular. Aşgabat. «Ylym» 1986.
12. Mollanepes. Ýar oýanmadyń. Aşgabat «Ylym» 1992.
13. Durdyew K. Taryhyń çeper teswiri. Aşgabat, 1997.
14. Bertels E.E. Türkmen halkynyń edebi geçmişi. Aşgabat 1967.
15. Allakow J. Edebiýat ylymyna giriş. Aşgabat 1992.
16. Garryew S. Türkmen eposy, dessanlary hem gündogar halklarynyń epiki doredijiligi. Aşgabat, 1982.
17. Magtymguly. Saýlanan eserler. Aşgabat «Ylym» 2008.
18. Geldiew G. Taryh edebi ykballar. Aşgabat 1993.
19. Belinskiy W.G. Sobr.soc.w3-h t, t. 3.Mos 1957.
20. Bertels E.E. İzbrannye trudy. Sufizm i sufiyskaya literatura. M., «Nauka», 1965

## MAZMUNY

**Giriş** ........................................ **4**

**I Bap. Kätibiniń döredijilik şahsyeti** ........................................ **7**

**1. Omur taryhyndan sahypalar** ........................................ **7**

**2. Kätibiniń  edebi hazynasynyń öwrenilişi** ........................................ **12**

**3. İdeya-estetiki gözlegleriń çygry** ........................................ **20**

**II BAP. Liriki häsietiń bitewileşiş däbi we Kätibiniń poeziýasy** ........................................ **31**

**1. İdeya- mazmundaky konkretleşme** ........................................ **31**

**2. Edebi-çeperçilik ýörelgeler we Kätibiniń poetikasy** ........................................ **45**

**Netije** ........................................ **57**

**Peýdalanylan edebiýatlaryń sanawy** ........................................ **60**